TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW:
– HÄZIRKI WAGTDA ÝURDUMYZDA WATAN GORAGÇYLARYNYŇ HEM-DE OLARYŇ MAŞGALA AGZALARYNYŇ ÝAŞAÝYŞ-DURMUŞ, GULLUK, IŞ ŞERTLERINIŇ GOWULANDYRYLMAGY AÝRATYN ÜNS MERKEZINDE SAKLANYLÝAR.

ZAMAN
INTERNATIONAL MEDIA
TÜRKMENISTAN
3-nji aprel, 2026. Belgisi 14/1684



# WATANYMYZYŇ ASUDALYGYNYŇ GORAGYNDA

***1-nji aprelde Türkmenistanyň Prezidenti, ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy goşun generaly Serdar Berdimuhamedow Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň nobatdaky mejlisini geçirdi. Onda harby we hukuk goraýjy edaralaryň şu ýylyň üç aýynda alyp baran işleriniň netijelerine seredildi. Şeýle hem Garaşsyz döwletimizde howpsuzlygy, asudalygy üpjün etmäge, harby we hukuk goraýjy edaralaryň maddy-enjamlaýyn binýadyny berkitmäge, işini has-da kämilleşdirmäge degişli meseleleriň birnäçesi ara alnyp maslahatlaşyldy.***

Ilki bilen, Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň sekretary, goranmak ministri B.Gündogdyýew çykyş edip, Türkmenistanyň Ýaragly Güýçlerini ösdürmegiň maksatnamasynda göz öňünde tutulan wezipeleri üstünlikli ýerine ýetirmek boýunça ýylyň başyndan bäri alnyp barlan işler barada hasabat berdi. Şunuň bilen birlikde, Watan goragçylarynyň gulluk, ýaşaýyş-durmuş şertlerini gowulandyrmak, serkerdeleriň hünär derejesini ýokarlandyrmak babatda görülýän çäreler, çagyryş boýunça harby gullugy geçýän harby gullukçylary gullukdan boşatmagyň we harby gulluga nobatdaky çagyrylyşyň barşy barada aýdyldy.

Ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy hasabaty diňläp, döwletimiziň goranmak ukybyny döwrüň talabyna görä has-da berkitmek maksady bilen, Ýaragly Güýçlerimizi döwrebaplaşdyrmak, onuň maddy-enjamlaýyn binýadyny berkitmek boýunça alnyp barylýan işleri dowam etdirmegiň möhümdigini belledi. Şeýle-de hormatly Prezidentimiz Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň sekretary, goranmak ministrine raýatlary çagyryş boýunça harby gulluga çagyrmak we harby gullukdan boşatmak boýunça işleriň guramaçylykly ýerine ýetirilmegini üpjün etmegi tabşyrdy.

Baş prokuror B.Muhamedow şu ýylyň ýanwar – mart aýlarynda ýerine ýetirilen işler, şol sanda milli kanunçylygyň berjaý edilişine gözegçiligi amala aşyrmak, prokuratura edaralarynda sanly ulgamy ornaşdyrmak boýunça alnyp barlan işler, işgärleriň hünär derejesini ýokarlandyrmak maksady bilen görlen çäreler barada hasabat berdi.

Döwlet Baştutanymyz hasabaty diňläp, ýurdumyzda kanunçylygy we hukuk tertibini pugtalandyrmagy hemişe üns merkezinde saklamagyň, kanunlaryň ýerine ýetirilişine, raýatlaryň hukuklarynyň üpjün edilişine prokuror gözegçiligini netijeli alyp barmagyň möhümdigini belledi hem-de bu babatda birnäçe anyk tabşyryklary berdi.

Içeri işler ministri M.Hydyrow ýolbaşçylyk edýän düzümleriniň şu ýylyň üç aýynda ýerine ýetiren işleriniň netijeleri, ýurdumyzda jemgyýetçilik tertibini üpjün etmek, ýangyn howpsuzlygynyň kadalaryny berjaý etmek, hukuk bozulmalarynyň, ýol-ulag hadysalarynyň öňüni almak boýunça amala aşyrylan çäreler barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, jemgyýetçilik tertibini üpjün etmegiň, kanun bozulmalarynyň öňüni almak boýunça alnyp barylýan işleri dowam etdirmegiň, ýol hereketiniň kadalarynyň, ýangyn howpsuzlygynyň düzgünleriniň berjaý edilişine berk gözegçilik etmegiň wajypdygyny aýtdy hem-de ministre birnäçe anyk tabşyryklary berdi.

Ýokary kazyýetiň başlygy B.Hojamgulyýew 2026-njy ýylyň üç aýynda ýolbaşçylyk edýän düzümi tarapyndan ýerine ýetirilen işleriň netijeleri, kazyýet işini döwrüň talaplaryna laýyklykda guramak, işgärleriň hünär derejesini ýokarlandyrmak boýunça görlen çäreler barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, döwlet we jemgyýetçilik bähbitlerini goramak, raýatlaryň hukuklaryny üpjün etmek babatda kazyýet edaralary tarapyndan alnyp barylýan işleri netijeli dowam etdirmegiň möhümdigini nygtady. Şunuň bilen baglylykda, döwlet Baştutanymyz milli kazyýet ulgamyny kämilleşdirmegi hemişe üns merkezinde saklamak, kazylaryň bilim derejesini yzygiderli ýokarlandyrmak babatda Ýokary kazyýetiň başlygyna birnäçe anyk görkezmeleri berdi.

Milli howpsuzlyk ministri D.Meredow şu ýylyň ýanwar – mart aýlarynda alnyp barlan işler, ýolbaşçylyk edýän düzümini ösdürmegiň maksatnamasynyň ýerine ýetirilişi barada hasabat berdi.

Ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy hasabaty diňläp, döwletimiziň milli howpsuzlygyny we milli bähbitlerini goramak boýunça alnyp barylýan işleri dowam etdirmek babatda ministre birnäçe anyk görkezmeleri berdi.

Döwlet serhet gullugynyň başlygy I.Ilamanow Watanymyzyň mukaddes serhetleriniň ygtybarly goraglylygyny üpjün etmek, serhet goşunlarynyň maddy-enjamlaýyn binýadyny pugtalandyrmak, ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysynyň ozal beren tabşyryklaryny ýerine ýetirmek boýunça ýylyň başyndan bäri amala aşyrylan işleriň netijeleri barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, ýurdumyzyň döwlet serhediniň dost-doganlyk serhedi bolup durýandygyny belledi hem-de onuň goraglylygyny pugtalandyrmak, serhet goşunlarynyň maddy-enjamlaýyn binýadyny berkitmek boýunça alnyp barylýan işleri netijeli dowam etdirmegi tabşyrdy.

Adalat ministri M.Taganow şu ýylyň ýanwar – mart aýlarynda ýolbaşçylyk edýän düzümi tarapyndan ýurdumyzyň kanunçylyk binýadyny kämilleşdirmek boýunça ýerine ýetirilen işleriň netijeleri we ministrligi ösdürmegiň maksatnamasynyň durmuşa geçirilişi barada hasabat berdi.

Döwlet Baştutanymyz hasabaty diňläp, milli hukuk ulgamyny halkara ölçeglere laýyklykda kämilleşdirmek, hukuk kömegini bermek we kanunçylygy düşündirmek boýunça alnyp barylýan işleri dowam etdirmek babatda ministre birnäçe anyk tabşyryklary berdi.

Döwlet gümrük gullugynyň başlygy M.Hudaýkulyýew hasabat döwründe amala aşyrylan işleriň netijeleri, şol sanda gullugyň düzümlerine işiň döwrebap usullaryny, täze tehnologiýalary ornaşdyrmak boýunça görlen çäreler barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, gümrük amallarynyň halkara kadalara hem-de milli kanunçylyga laýyklykda ýokary hilli ýerine ýetirilmegini gözegçilikde saklamagyň möhümdigini belledi hem-de bu ugurda alnyp barylýan işleri netijeli dowam etdirmek babatda gullugyň ýolbaşçysyna birnäçe anyk görkezmeleri berdi.

Döwlet migrasiýa gullugynyň başlygy A.Sazakow 2026-njy ýylyň ýanwar – mart aýlarynda ýolbaşçylyk edýän düzüminiň ýerine ýetiren işleriniň netijeleri, gullugyň maddy-enjamlaýyn binýadyny pugtalandyrmak, gullugy ösdürmegiň maksatnamasyny üstünlikli ýerine ýetirmek boýunça görlen çäreler barada hasabat berdi.

Ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy hasabaty diňläp, ýurdumyzda migrasiýa işini kämilleşdirmegiň wajypdygyna ünsi çekdi hem-de migrasiýa kanunçylygynyň berjaý edilişini yzygiderli gözegçilikde saklamak babatda birnäçe anyk tabşyryklary berdi.

Hormatly Prezidentimiz mejlise gatnaşyjylara ýüzlenip, goranyş häsiýetli Harby doktrinamyzyň talaplaryna laýyklykda, Garaşsyz, hemişelik Bitarap döwletimiziň howpsuzlygyny we çäk bitewüligini ýokary derejede üpjün etmek, ýurdumyzyň goranmak ukybyny berkitmek, Watan goragçylarynyň, olaryň maşgala agzalarynyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini has-da ýokarlandyrmak boýunça yzygiderli çäreleriň durmuşa geçirilýändigini aýtdy hem-de bu işleriň mundan beýläk-de dowam etdiriljekdigini belledi.

## «Türkmenistan-BMG» strategik maslahat beriş geňeşiniň mejlisi geçirildi

***31-nji martda Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginde «Türkmenistan – Birleşen Milletler Guramasy» strategik maslahat beriş geňeşiniň bäşinji mejlisi geçirildi. Mejlise Hökümet agzalary, ministrlikleriň, pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň, BMG-niň Türkmenistandaky wekilhanalarynyň ýolbaşçylary we beýlekiler gatnaşdylar.***



Mejlisiň dowamynda «Birleşen Milletler Guramasynyň Çagalar gaznasynyň Türkmenistan boýunça 2026 – 2030-njy ýyllar üçin ýurt boýunça Maksatnamasyny» durmuşa geçirmek babatda Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi bilen ÝUNISEF-iň Türkmenistandaky wekilhanasynyň arasynda 2026-njy ýyl üçin iş meýilnamasyna; «Birleşen Milletler Guramasynyň Çagalar gaznasynyň Türkmenistan boýunça 2026 – 2030-njy ýyllar üçin ýurt boýunça Maksatnamasyny» durmuşa geçirmek babatda Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi bilen ÝUNISEF-iň Türkmenistandaky wekilhanasynyň 2026-njy ýyl üçin iş meýilnamasyna; Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi bilen BMG-niň Ilat gaznasynyň arasyndaky «Reproduktiw saglyk pudagynda ýokary hilli hyzmatlara ählumumy elýeterliligi gowulandyrmak» taslamasynyň 2026-njy ýyl üçin iş meýilnamasyna; Türkmenistanyň Bilim ministrligi bilen Birleşen Milletler Guramasynyň Ilat gaznasynyň arasynda «Demografik diwidentden netijeli peýdalanmak üçin bilim ulgamyny kämilleşdirmek» atly taslamany ýerine ýetirmegiň 2026-njy ýyl üçin iş meýilnamasyna gol çekildi. ■ 3

## SAÝLAWLARYŇ NETIJELERI YGLAN EDILDI

***31-nji martda Türkmenistanda Saýlawlary we sala salşyklary geçirmek boýunça merkezi toparyň mejlisi geçirildi. Onda ýurdumyzda täze döredilen etraplaryň halk maslahatlarynyň agzalygyna hem-de ygtyýarlyk möhletinden öň çykyp giden Türkmenistanyň Mejlisiniň deputatlarynyň, welaýat, etrap, şäher halk maslahatlarynyň we Geňeşleriň agzalarynyň ýerine 29-njy martda geçirilen saýlawlaryň gutarnykly netijeleri jemlenildi, tassyklanyldy we yglan edildi. Oňa merkezi saýlaw toparynyň agzalary, degişli iş toparlarynyň wekilleri, milli synçylar, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň wekilleri gatnaşdylar.***

Mejlisde bellenilişi ýaly, saýlawlar giň bäsdeşlik, açyklyk we aýanlyk esasynda geçirildi. Bu bolsa Türkmenistanyň demokratik ösüş ýoluna, Gahryman Arkadagymyzyň başlangyjy bilen binýady goýlup, hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda üstünlikli durmuşa geçirilýän syýasy ugra ygrarlydygyny nobatdaky gezek tassyklady. Bu strategiýa döwlet hem-de jemgyýetçilik durmuşynyň ähli ugurlarynda giň gerimli özgertmeleri amala aşyrmagy göz öňünde tutýar. Saýlawlaryň öň ýanyndaky möwsümiň ähli tapgyrlary öz wagtynda, milli saýlaw kanunçylygynyň talaplaryna, umumy ykrar edilen halkara standartlara laýyklykda guraldy. Möwsümiň dowamynda we saýlawlaryň geçirilen gününde saýlawçylaryň ýokary işjeňlik görkezmegi şu gezekki jemgyýetçilik-syýasy çäräniň häsiýetli aýratynlygy boldy.

Mejlisiň dowamynda welaýatlaryň, Aşgabat şäheriniň saýlaw toparlarynyň başlyklarynyň saýlawlaryň netijeleri barada hasabatlary diňlenildi. Saýlaw kodeksine we demokratik standartlara laýyklykda, saýlaw okruglarynyň 363-sinde degişli saýlaw toparlary tarapyndan dalaşgärleriň 759-sy hasaba



alyndy. Ähli saýlaw okruglarynda her bir orun üçin iki we ondan köp dalaşgär bäsleşdi. Mejlisiň gün tertibindäki esasy meselä – saýlawlaryň gutarnykly netijelerini jemlemek, tassyklamak hem-de yglan etmek meselesine üns çekilip, paýtagtymyzyň we welaýatlaryň saýlaw toparlarynyň teswirnamalaryndaky maglumatlara esaslanyp, ýurdumyzda täze döredilen etraplaryň halk maslahatlarynyň agzalarynyň saýlawlarynda 285 dalaşgärden 140-synyň, Mejlisiň deputatlygyna saýlawlarda 14 dalaşgärden 5-siniň, welaýat, Aşgabat şäher halk maslahatlarynyň agzalarynyň saýlawlarynda 9 dalaşgärden 3-siniň, etrap we şäher halk maslahatlarynyň agzalarynyň saýlawlarynda 25 dalaşgärden 12-siniň, Geňeşleriň agzalarynyň saýlawlarynda 426 dalaşgärden 203-siniň saýlanandygy yglan edildi.

Duşuşyga gatnaşyjylar saýlawlaryň geçirilişine syn eden milli synçylaryň işini, saýlawlaryň guramaçylyk taýdan ýokary derejede geçirilendigini bellediler. Şeýle-de saýlaw möwsüminiň dowamynda köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň wekilleriniň ilaty saýlawlar baradaky maglumatlar bilen üpjün etmekde netijeli işleri alyp barandyklary, oňa jogapkärli gatnaşandyklary nygtaldy. Saýlaw uçastoklarynyň ählisiniň döwrebap aragatnaşyk enjamlary bilen enjamlaşdyrylmagy esasynda maglumatlaryň Türkmenistanda Saýlawlary we sala salşyklary geçirmek boýunça merkezi topara öz wagtynda iberilmegi üpjün edildi. Saýlaw kodeksiniň düzgünlerine laýyklykda, saýlawlaryň netijeleri gysga wagtda köpçülikleýin habar beriş serişdeleri arkaly ilatyň dykgatyna ýetiriler.



Mejlisiň ahyrynda oňa gatnaşyjylar saýlawlaryň ýurdumyzda hereket edýän saýlaw kanunçylygyna, halkara hukugyň umumy ykrar edilen kadalaryna laýyklykda geçirilendigini tassykladylar.




**Çarwadarlaryň VI Bütindünýä oýunlary**

Gyrgyz Respublikasynda 31-nji awgustdan 6-njy sentýabr aralygynda Çarwadarlaryň VI Bütindünýä oýunlary geçiriler. ■ 4



**Dünýäde iň köp okalýan 10 roman**

Roman okamagyň peýdasy boş wagtyňy gyzykly geçirmek bilen çäklenmeýär. ■ 5



**Gury ýerde ýaşaýan äpet jandarlar**

Žiraf: bu jandarlaryň boýy beýleki haýwanlaryň ählisinden uzyn. Agaçlaryň beýik şahalaryndaky ýapraklar bilen iýmitlenýän žirafyň boýy 6 metre ýetýär. ■ 6



**Bezzekkiniň şemaly belentden öwüsýär**

Moto GP boýunça möwsümiň 3-nji ýaryşynda hem «Aprilia Racing» toparynyň italýan sürüjisi Marko Bezzekki ýeňiji boldy. ■ 7



**Ähli toparlar belli boldy**

Futboldaky iň uly ýaryş hasaplanýan Dünýä Kubogy ýene bir ýola bu bäsleşikde 4 çempionlygy bolan Italiýasyz geçer. ■ 8

# 131 ýyldan soňra satuwa çykaryldy

XIX asyryň meşhur türk suratkeşi Osman Hamdi Beýiň 1891-nji ýylda çeken suraty Londonda satuwa çykaryldy. Häzire çenli ABŞ-nyň Pensilwaniýa uniwersitetiniň kolleksiýasynda saklanan «Metjidiň gapysynda» atly kartina «Bonhams» auksion öýi arkaly 3,67 million funt sterlinge satyldy. Eser Osmanly hem-de Günbatar usullarynyň bilelikde ulanylyp döredilendigi üçin



gymmatly hasaplanýar. 208x109 santimetr ölçegdäki kartina ulylygy babatda hem tapawutlanýar. Suratda Bursa şäherindäki Muradiýe metjidiniň esasy girelgesi suratlandyrylypdyr.

Auksion öýüniň XIX asyrlara degişli suratlar boýunça direktory Çarls O'Brýen bu kartina «Döwrebap sungatyň XV asyryň binagärligi bilen birleşýän ajaýyp nusgasy» diýip baha berdi. Eser 1895-nji ýylda awtoryň özünden satyn alnypdyr.

Osman Hamdi Beýiň «Ýaş zenan okaýarka» atly eseri 2019-njy ýylda 6,6 million funt sterlinge satylypdy. Geçen ýylyň aprelinde bolsa, «Kofe taýýarlamak» atly kartinasy 1 million funt sterlingden gowrak bahadan satyldy.

**Annaoraz ORAZOW,**
*Türkmen döwlet medeniýet institutynyň talyby.*

# «Hyzmatdaşlyk we ösüş» atly köpugurly halkara sergi

2-nji aprelde paýtagtymyzdaky Türkmenistanyň Söwda-senagat edarasynda «Hyzmatdaşlyk we ösüş» atly köpugurly halkara sergi öz işine başlady.

Serginiň açylyş dabarasyna Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasarlary, ministrlikleriň hem-de pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň ýolbaşçylary, ýurdumyzdaky daşary ýurtlaryň diplomatik wekilhanalarynyň, halkara guramalaryň ýolbaşçylary, sergä gatnaşmak üçin ýurdumyza gelen daşary ýurtly myhmanlar, telekeçiler, ýerli we daşary ýurtly köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň wekilleri gatnaşdylar.





Açylyş dabarasynda Türkmenistanyň Prezidentiniň sergä hem-de halkara foruma gatnaşyjylara iberen Gutlag haty okaldy. Gutlagda: Türkmenistan «Açyk gapylar» syýasatyny yzygiderli durmuşa geçirmek bilen, dünýäniň 100-den gowrak döwletinden dürli ulgamlarda öňdebaryjy tehnologiýalara, uly tejribä eýe bolan iri kompaniýalar bilen netijeli gatnaşyklary ýola goýdy. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe oňyn hyzmatdaşlygyň tejribesi has-da baýlaşýar, gerimi giňelýär. Bilelikdäki iri taslamalary amala aşyrmak esasynda dünýä bazarlarynda bäsdeşlige ukyply önümleri öndürmek, ýurdumyzyň eksport kuwwatyny artdyrmak we ondan netijeli peýdalanmak boýunça alnyp barylýan oýlanyşykly işleriň netijesinde maýa goýum, söwda babatda hyzmatdaşlarymyz bilen gatnaşyklarymyz täze sepgitlere çykarylýar – diýlip bellenilýär.

Sergä ýerli önüm öndürijiler bilen bir hatarda Türkiýe, Hytaý, Russiýa ýaly ýurtlardan hem kompaniýalar gatnaşýar. Sergide enjamlaryň, tehniki serişdeleriň, demir önümleriniň we gurluşyk harytlarynyň, himiki serişdeleriň, beýleki önümleriň dürli görnüşleri görkezilýär.

«Hyzmatdaşlyk we ösüş» atly köpugurly halkara sergi 4-nji aprelde öz işini tamamlar.

# Iň uly ýel bekedi bolar

Dünýäniň iň uly deňiz ýel elektrik bekedi bolan «Hornsea 3»-iň gurluşygyna başlandy. Taslamanyň çäklerinde Beýik Britaniýanyň deňiz kenaryndan 120 kilometr uzaklykda jemi 231 sany ýel bekedi gurlar. Umumy önümçilik kuwwaty 2,9 GWt-a barabar bolan desga 3,3 million hojalygy arassa elektrik energiýasy bilen üpjün eder. «Siemens» kompaniýasynyň önümi bolan turbinalaryň beýikligi 260 metre barabar bolar. Bu bolsa, Demirgazyk deňzinde yzygiderli öwüsýän ýelden durnukly elektrik toguny öndürmäge mümkinçilik döreder. Maýa goýumyň umumy bahasy 8,5 milliard funt sterlingden hem gowrak bolar. Şu ýylyň



ahyryna çenli uly böleginiň gurlup gutarylmagyna garaşylýan taslamanyň çäklerinde öndürilen elektrik energiýasyny geçirmek üçin 680 kilometre barabar bolan geçiriji çekiler. Taslamany durmuşa geçirýän Daniýanyň «Ørsted» kompaniýasynyň häzire çenli dünýäniň dürli ýerlerinde guran beketleriniň umumy önümçilik kuwwaty ýyllyk 18 GWt-dan geçýär.

«Hornsea» taslamasynyň birinji tapgyrynyň gurluşygyna 2018-nji ýylda başlanypdy. Eýýäm taslamanyň birinji we ikinji tapgyrynda önümçilik dowam edýär. Dünýäniň iň uly bitewi ýel elektrik bekedi boljak «Hornsea 3»-de geljek ýylyň başynda önümçilik ýola goýlar.

**Serdar AGAMYRADOW,**
*Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň mugallymy.*

# Gen terapiýasy: lukmançylygyň täze tapgyry

Häzirki zaman lukmançylygy adam bedeniniň iň çuňňur syrlaryna, ýagny biziň bütin durmuşymyzyň binýady bolan genlerimize aralaşmagy başardy. Gen terapiýasy we gen redaktirlemesi diýlip atlandyrylýan bu täze ugurlar öňler bejerip bolmaýan genetik keselleriň düýp köküne täsir etmäge mümkinçilik berýär. Gen terapiýasynyň esasy ýörelgesi näsagyň öýjüklerine sagdyn genleri girizmekden ybaratdyr. Bu amalda zyýansyzlandyrylan wiruslar ýörite daşaýjy hökmünde ulanylyp, olar bedendäki zeperlenen geniň ornuny tutjak täze genetik maglumaty gerekli öýjüge eltip berýärler. Bu usul, esasan, bedeniň özbaşdak öndürip bilmeýän beloklarynyň täzeden emele gelmegine ýol açýar. Şol bir wagtda, lukmançylyk dünýäsinde «molekulýar gaýçy» hökmünde tanalýan CRISPR tehnologiýasy gen redaktirlemesini täze bir derejä çykardy. Bu tehnologiýa arkaly alymlar DNK-nyň zynjyryndaky näsaz bölekleri takyk tapyp, ony kesip aýyr-



magy hem-de ýerine dogry genetik yzygiderliligi goýmagy başarýarlar. Bu bolsa nesilden-nesle geçýän gan keselleriniň, gözüň torly gatlagynyň zeperlenmeleriniň we onkologik keselleriň käbir görnüşleriniň düýpli bejerilmegine umyt döredýär.

Bu maglumatlar ABŞ-nyň Milli saglygy goraýyş institutlarynyň (NIH) we Azyk önümleriniň hem-de derman serişdeleriniň hiline gözegçilik edýän müdiriýetiniň (FDA) resmi ylmy hasabatlaryna esaslanýar. FDA tarapyndan tassyklanan ilkinji gen terapiýasy dermanlary eýýäm kliniki tejribede ulanylyp başlandy we olar müňlerçe adamyň durmuşyny düýpli özgertdi. Şeýle innowasion ädimler geljekde lukmançylygyň diňe bir alamatlar bilen göreşmän, eýsem, keseliň döreýiş gözbaşyny aýyrmaga ukyply boljakdygyny subut edýär. Ylmyň bu täze tapgyry lukmançylyk taryhynda düýpli öwrülişik hasaplanýar we adam ömrüniň hilini ýokarlandyrmakda esasy faktorlaryň birine öwrülýär.

**Gurbandurdy ORAZOW,**
*Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň terapewtik stomatologiýa kafedrasynyň mugallymy, lukmançylyk ylymlarynyň kandidaty.*

# «Apple» 50 ýaşady

Häzirki wagtda dünýäniň iň iri tehnologiýa kompaniýasy bolan «Apple»-iň esaslandyrylanyna 50 ýyl doldy. 1976-njy ýylyň 1-nji aprelinde Stiw Jobs bilen Stiw Wozniagyň kompýuter önümçiligini ýola goýmagy bilen döredilen kompaniýa häzirki wagtda dünýäniň iň gymmatly önüm öndürijisine öwrüldi. 1976-njy ýylda «Apple I» atly ilkinji kompýuter satuwa çykarylýar.

2001-nji ýylda «iPod» atly aýdym diňlemäge mümkinçilik berýän kiçijik elektron enjamyň satuwy ýola goýulýar.

Kompaniýa döredilmeginiň 50 ýyllygy mynasybetli Niderlandlaryň Utreht



şäherinde muzeý açdy. Düýn açylan muzeýde «Apple»-iň häzire çenli öndüren enjamlarynyň ählisini görmek bolýar. Muzeýde Stiw Jobs bilen Stiw Wozniagyň 1976-njy ýylyň 1-nji aprelinde «Apple Computer Company» kompaniýasyny resmi taýdan hasaba aldyran wagty işlän garažynyň nusgasy hem bar. Ýewropanyň iň uly «Apple» muzeýinde 5 müň töweregi eksponat bar.

**Daýanç ÇARYÝEW,**
*Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň talyby.*

# Ýol hereketiniň medeniýeti

Köçede we ýollarda howpsuzlygy hem-de tertip-düzgüni berjaý etmek etmek diňe degişli gulluklaryň wezipesi däl-de, eýsem, her birimiziň borjumyzdyr. Ýol hereketiniň medeniýeti jemgyýetimiziň umumy medeniýetiniň bir bölegidir.




Häzirki wagtda awtomobil ýollary durmuşymyzyň aýrylmaz bölegine öwrüldi. Ýollar bizi işimize, öýümize we ýakynlarymyza gowşurýar. Emma ýol diňe bir amatlyk däl, eýsem, uly jogapkärçiligi hem talap edýän ulgamdyr. Ýol-ulag hadysalarynyň öňüni almak we adam ömrüni gorap saklamak her birimiziň asylly wezipämizdir.

Sürüji ulagyna oturan pursadyndan başlap, diňe bir özüniň däl, eýsem, ýoldaky beýleki herekete gatnaşyjylaryň hem ömrüne jogap berýär. Ýol belgilerinde görkezilen tizlik çäklerini berjaý etmek esasy düzgünleriň biridir. Tizlik näçe ýokary bolsa, töwerekdäki ýagdaýa baha bermek we duýdansyz çykan päsgelçilige garşy çäre görmek şonça-da kynlaşýar. Awtoulag sürýän wagtyň telefona güýmenmek düýbünden gadagandyr.

Ýol hereketiniň agzalarynyň ýene-de biri pyýadalardyr. Şonuň üçin hem pyýadalar öz howpsuzlygyna iki esse üns bermelidirler. Ýoldan diňe bellenen ýerlerden geçmeli. Sürüjiniň sizi görýändigine we ulagy saklamaga ýetişjekdigine doly göz ýetirmeli.

Ýol hereketiniň howpsuzlygyny ýokarlandyrmak, kadalaşdyryjy hukuk binýadyny kämilleşdirilmek, raýatlaryň we sürüjileriň ýol hereketiniň düzgünlerini berjaý etmegini gazanmak üçin degişli işler alnyp barylýar. Şonuň bilen birlikde ýurdumyzda ýokary halkara ölçeglerine laýyk gelýän awtomobil ýollaryny, köprüleri we degişli ýol-ulag infrastruktrasyny gurmak boýunça hem maksatnamalar üstünlikli durmuşa geçirilýär.

Häzirki wagtda ýurdumyzyň bagtyýarlyga beslenen ýollarynda howpsuz hereketi amala aşyrmak, ýol-ulag hadysalarynyň öňüni almak maksady bilen döwlet derejesinde oňyn mümkinçilikler döredilýär.

**Hakberdi REJEPOW,**
*Ahal welaýatynyň Altyn asyr etrap polisiýa bölüminiň polisiýanyň ýol gözegçilik bölümçesiniň wagyz-nesihat işleri boýunça gözegçisi, polisiýanyň kapitany.*

# Ilat ýazuwy 1 ýyl dowam eder

1-nji aprelde dünýäniň iň köp ilatly ýurdy bolan Hindistanda ilat ýazuwy başlady. 1 ýyl töweregi dowam etjek ilat ýazuwynda hasaba alyş işlerini 3 milliondan gowrak adam ýerine ýetirer. Günorta Aziýa ýurdunda ilat ýazuwy iki tapgyrda amala aşyrylar. Demografik çäräniň birinji tapgyry sentýabr aýyna çenli dowam eder. Bu döwürde ýaşaýyş jaýlary, jaýlaryň ýagdaýy we infrastruktura mümkinçilikleri hasaba alnar. Ilat ýazuwy üçin degişli işgärler ýaşaýjylaryň salgylaryna bararlar. Ýaşaýjylar bolsa, internet üsti bilen özleri baradaky maglumatlary girizerler. Munuň üçin ýörite döredilen mobil goşundy 16 dilde taýýar-



landy. Ilat ýazuwynyň ikinji tapgyrynda bolsa, demografik, sosial we ykdysady ýagdaýlar barada maglumat toplanar.

Ýurtda mundan ozal 2011-nji ýylda ilat ýazuwy geçirilipdi. Ilat ýazuwy 10 ýyldan bir gezek geçirilýär. 2021-nji ýylda bolsa, pandemiýa sebäpli geçirilmändi. Birleşen Milletler Guramasynyň maglumatyna görä, 2023-nji ýylda Hindistan Hytaýdan öňe geçip, dünýäniň iň köp ilatly ýurdy boldy. Hindistanyň 1 milliard 420 million töweregi ilaty bar.

**Nurmyrat KURBANSEÝIDOW,**
*Türkmenistanyň Goranmak ministrliginiň Harby-deňiz institutynyň mugallymy, 3-nji derejeli kapitan.*

# Tebigatymyzy ýangyn howpundan goralyň!

Tokaý seýilgählerinde, daglarda, örülerdir sähralarda ýangyn howpsuzlygy düzgünlerini üpjün etmek şu günki günde esasy wezipeleriň biri bolup durýar. Hut şol wezipelerden ugur alyp, Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň Döwlet ýangyn howpsuzlygy gullugy ýaz paslynyň dowam edýän günlerinde ýangyn howpsuzlygy kadalaryny berjaý etmek boýunça esasy ýerine ýetirilmeli gaýragoýulmasyz çäreler hökmünde şulary maslahat berýär:

Tokaý seýilgählerinde, daglarda, öri we sähra meýdanlarynda zähmet çekýän işgärleriň arasynda jogapkär ýolbaşçylar tarapyndan ýangyn howpsuzlygynyň gaýragoýulmasyz çäreleri barada gözükdiriş gürrüňdeşliklerini geçirmeli, berkidilen çäklerde ýangyn howpsuzlyk düzgünlerini berjaý ediji diwarlyklar, ilkinji ýangyn söndüriji enjamlar bilen üpjün edilen ýangyn germewleri oturdylmaly.

Baglaryň arasyndaky guran haşal otlary arassalap, agaçlaryň hatar hem-de zolak aralarynda sürüm işlerini geçirip, ýangyn howpsuzlyk zolagyny döretmeli. Uly agaçlaryň elektrik tok geçirijileri bilen galtaşýan ýerlerinde ýangyn howpunyň döremezligi üçin päsgel berýän şahalardyr pürleri kesip aýyrmaly. Çäklerde işledilýän tehnikalaryň tüsse çykarýan abzallary uçgun söndüriş enjamlary bilen berk ýapylyp, tehniki ýagdaýyň elmydama gurat bolmagyny gözegçilikde saklamaly. Işledilýän tehnikalary ilkinji ýangyn söndüriş en-



jamlary bolan keçe, pil, palta, çäge, suw, ot söndüriş enjamlary bilen üpjün edip, başga maksatlar üçin ulanmazdan, abat ýagdaýda saklamaly. Çäklerde çalgy ýaglary, ýeňil ýanyjy suwuklyklar siňen esgileri taşlap gitmek, guran haşal otlary ýakmak, doly söndürilmedik otluçöp, çilim galyndylaryny taşlamak gadagandyr. Bu ýagdaýlaryň öňüni almak üçin tokaý zolaklarynda ot ýakmazlyk baradaky suratly ýatlatmalar görnükli edilip goýulmaly. Şeýle-de, boşan çüýşe gaplary meýdanda galdyrmak howpludyr. Sebäbi çüýşeden Günüň şöhlesiniň ugruny üýtgedip geçmegi bilen ýangyn döräp bilýär. Çäklerde kebşirleýiş işlerini geçirmäge rugsady bolan adamlar ol işleriň geçiriljek ýerlerini ot-çöplerden arassalamak arkaly, daş-töwerege uçgun ýaýramaz ýaly, oda dözümli diwar gurmaly, elujunda ot söndüriş serişdeleri bilen üpjün edip, işe girişmeli. Işler tamamlanandan soňra birnäçe wagtlap gözegçilik edip, oduň tutaşmagyna sebäp bolup biljek uçgunlaryň galmandygyna göz ýetirilenden soň, işlenen ýerden gaýtmaly.

Hemmämiz Watanymyzyň gözel tebigatynyň, baý ösümlik we haýwanat dünýäsiniň abat bolmagyna jogapkärdiris. Çünki, munuň özi geljekde ýurdumyzyň ösümlik köpdürliligini gorap saklamaga, ony geljekki nesillere miras galdyrmaga ýardam eder.

**Yhlas MIRIÝEW,**
*Aşgabat şäheriniň Polisiýa müdirliginiň Ýangyn howpsuzlygy bölüminiň 100-nji harbylaşdyrylan ýangyn howpsuzlyk bölüminiň döwlet ýangyn gözegçilik bölümçesiniň müdiri-uly gözegçisi, içerki gullugyň maýory.*

# 6G tehnologiýasy ornaşdyrylar

Hytaýyň paýtagty Pekinde 6G tehnologiýasy senagat innowasiýa forumy geçirildi. Ýurt ýakyn geljekde aragatnaşyk infrastrukturasyny düýpli ösdürmegi meýilleşdirýär. Maslahatda internet aragatnaşygynyň 6-njy nesliniň 2030-njy ýylda täjirçilik maksatly ýola goýulmagyna garaşylýandygy bellenildi. 6G diňe ýokary tizlik däl, eýsem, emeli aň goldawly gurluş hökmünde işlenip düzülýär. Emeli aň tehnologiýasy diňe enjamlara däl, aragatnaşyk desgasyna,




terminallara we beýleki ähli birliklere ornaşdyrylar. Aragatnaşygyň geljekki nesli häzirkilerden tapawutlylykda, Ýeriň orbitasyndaky emeli hemralardan hem peýdalanar. Munuň netijesinde, ýokary hilli aragatnaşyk hyzmatlary medeni zolaklardan uzakda we deňizlerde hem elýeterli bolar.

Häzirki wagtda Hytaýyň 300-den gowrak şäherinde we oba ýerleriniň 90 göteriminde 5G internet aragatnaşygy bar. 6G-niň işlenip taýýarlanmagyna ylmy-barlag institutlary, ýokary okuw mekdepleri we telekommunikasiýa kompaniýalary gatnaşýar.

**Parahat KÖMEKOW,**
*Halkara senagatçylar we telekeçiler uniwersitetiniň talyby.*

# Aýa uçuş başlady



ABŞ-nyň Aerokosmos edarasy (NASA) Ýeriň hemrasyna uçuşlary gaýtadan ýola goýdy. 1-nji aprelden 2-nji aprele geçilýän gije beýikligi 98 metrlik «Artemis II» atly raketa Floridanyň Kennedi adyndaky kosmodromyndan asman giňişligine uçuryldy. Missiýanyň dowamynda 4 astronawtdan ybarat ekipaž Aýyň daşyndan aýlanyp, yzyna geler. Şeýlelikde, NASA-nyň astronawtlary Rid Wismen, Wiktor Glower, Kristina Koç hem-de Kanada Kosmos agentliginden Jeremi Hensen 10 günläp kosmos giňişliginde bolup, Ýeriň hemrasynyň daşyndan aýlanyp yzyna gelerler. Emma olar Aýyň ýüzüne gonmazlar. Aýa aýak basmagyň çaltlandyrylmagy üçin «Artemis III» atly goşmaça uçuş girizildi. Mundan ozal «Artemis III» uçuşy bilen Aýyň ýüzüne gonulmagy maksat edinilýärdi. Indi bolsa, Aýa aýak basjak iki astronawt «Artemis IV» bilen ugradylar. Bu maksatnamanyň çäklerinde NASA 2028-nji ýyla çenli Aýyň ýüzüne ilkinji adamly uçuşy amala aşyrmagy göz öňünde tutýar.

Adamzadyň soňky gezek Ýeriň hemrasyna aýak basaly bäri ýarym asyrdan gowrak wagt geçdi. 1970-nji ýyllarda NASA «Apollo» maksatnamasynyň çäklerinde Aýa jemi 24 astronawt goýberipdi. Olaryň 12-si Aýyň üstüne aýak basypdy.

«Artemis II» soňky gezek Aýa uçan «Apollo 17»-ä garanyňda, has uzak ýoldan gider. Astronawtlar Aýyň Ýerden adamlara hemişe görünýän şol bir tarapyny däl-de, bize görünmeýän «garaňky» tarapyny hem görerler. Bu syýahatyň esasy maksady geljekde Aýyň ýüzüne hem-de Marsa amala aşyryljak syýahatlar üçin maglumat we tejribe toplamakdan ybarat bolar. Kosmos gämisiniň daşynda oturdylan kamera arkaly düşürilýän şekiller hemmeler üçin elýeterli bolup, internet ulanyjylary göni ýaýlymda görüp bilerler.

**Aýsona DAŇATAROWA,**
*Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň mugallymy.*

ZAMAN TÜRKMENISTAN

**ESASLANDYRYJYSY –**
«ZAMAN–TÜRKMENISTAN» HOJALYK JEMGYÝETI

Aprel aýynyň 3-i, 2026
Gazetiň möçberi 8 sahypa. A-118401
Belgisi: 14/1684
Tiražy: 10039
Bahasy: 4,50 manat

BAŞ REDAKTOR **MYRATDURDY GARJANOW**
JOGAPKÄR KÄTIP **AMANMYRAT BAÝMYRADOW**

BIZIŇ SALGYMYZ: Aşgabat şäheri, 1908 (Gündogar) köçesi, 10-A jaýy.
Tel/Faks: 28-14-05, 28-14-36
web sahypa: www.zamanturkmenistan.com.tm
e-poçta: info.zamanturkmenistan@gmail.com, zamanturkmenistan@sanly.tm

**BELLIK:** Redaksiýamyza gelen hatlar yzyna gaýtarylmaýar. Gazetimizde ýerleşdirilen mahabatlardaky ýazgylaryň mazmunyna mahabat beriji jogapkärdir. Gazet Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 399536.

Abuna ýazylmak isleýänler üçin gazetiň indeksi: 69477

Gazetiň PDF nusgasyny QR kod arkaly elektron görnüşde okap bilersiňiz!

# BÜTINDÜNÝÄ SAGLYK GÜNI – SAGDYN GELJEGE TARAP ÄDIM

Ýurdumyzda jemgyýetiň we döwletiň iň ýokary gymmatlygy bolan ynsan saglygyny goramakda giň gerimli ynsanperwer işler durmuşa geçirilýär. Halkara ölçeglere laýyk gelýän, dünýäniň öňdebaryjy lukmançylyk enjamlarydyr ýokary tehnologiýalar bilen üpjün edilen döwrebap saglyk merkezlerinde ilatyň saglygyny goramak, dikeltmek, näsaglara netijeli bejergi bermek babatda ähli mümkinçilikler döredilendir.

«Biz raýatlarymyzyň saglygyny goramagyň milli ulgamynyň çäklerinde ýaş nesillerimiziň sagdyn ösmegi üçin peýdaly gurşawy döretmekden, dogry iýmitlenmekden başlap, sport bilen giňden meşgullanmak we ekologik abadançylygy üpjün etmek ýaly wezipelere aýratyn üns berýäris» diýip nygtaýan hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda ýurdumyzda ynsan saglygyny goramakda, sagdyn durmuş ýörelgelerini, köpçülikleýin bedenterbiýäni ýaýbaňlandyrmakda, sporty ösdürmekde, ýaş nesilleriň berk bedenli adamlar bolup ýetişmeklerini gazanmakda dünýä nusgalyk işler amala aşyrylýar.



Şu nukdaýnazardan, her ýyl giňden bellenilýän Bütindünýä saglyk gününiň ähmiýeti örän uludyr. Ýagny her ýylyň 7-nji aprelinde dünýä jemgyýetçiligi bilen bir hatarda, ýurdumyzda Bütindünýä saglyk güni uly dabaralara beslenýär. Ýeri gelende aýtsak, bu sene 1948-nji ýylda Bütindünýä Saglygy Goraýyş Guramasynyň (BSGG) döredilen güni hökmünde esaslandyrylandyr.

Sagdyn adam kämil jemgyýetiň we kuwwatly döwletiň binýadydyr. Bütindünýä saglyk gününiň esasy maksady hem her bir ynsanyň öz saglygy barada alada etmegini, işjeň durmuş ýörelgesini kemala getirmegini ündemekden ybaratdyr.

Saglygy goramak biziň gündelik endiklerimizede gönüden-göni dahyllydyr. Dogry iýmitlenmek bilen bir hatarda, witaminlere baý tebigy önümler hem saglyk üçin möhüm. Bedenterbiýe we sport bilen işjeň meşgullanmak, zyýanly endiklerden daşda durmak, gündelik hereket, ylgaw we maşklar bedeniň durnuklylygyny artdyrýar. Mundan başga-da, ruhi sagdynlyga aýratyn ähmiýet bermelidir. Çünki ruhy çökgünlikden daşda durmak, wagtynda dynç almak ynsan saglygy üçin örän möhümdir.

Hormatly Prezidentimiziň alyp barýan parasatly syýasaty netijesinde, ýurdumyzda saglygy goraýyş ulgamyny kämilleşdirmek döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biridir. Bütindünýä saglyk güni mynasybetli ýurdumyzda geçirilýän köpçülikleýin welosipedli ýörişler we dürli sport bäsleşikleri jemgyýetde sagdyn durmuş ýörelgesiniň uly orun tutýandygynyň aýdyň subutnamasydyr.

**Akgül BAÝLYÝEWA,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň mugallymy.*

# «TÜRKMENISTAN-BMG» STRATEGIK MASLAHAT BERIŞ GEŇEŞINIŇ MEJLISI GEÇIRILDI

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Türkmenistanyň daşary syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biri bolan Birleşen Milletler Guramasy bilen gatnaşyklar häzirki wagtda hil taýdan täze derejä çykýar. Muňa «Türkmenistan – Birleşen Milletler Guramasy» strategik maslahat beriş geňeşiniň döredilmegi we onuň netijeli işi aýdyň subutnamadyr.

Bu geňeşiň wezipeleriniň hatarynda BMG-niň ýöriteleşdirilen edaralary bilen taslamalary taýýarlamak, seçip almak, tassyklamak boýunça işleri utgaşdyrmak hem-de Türkmenistanyň Hökümetine bu babatda teklipleri taýýarlamak wezipesi bar.

Şunuň bilen birlikde, «Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022 – 2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasyndan» we kabul edilen hereketleriň milli meýilnamalaryndan gelip çykýan wezipeleriň ýerine ýetirilişine syn etmek, olary iş ýüzünde amala aşyrmagyň ýollaryny maslahatlaşmak teklip edilýär.

Birleşen Milletler Guramasy bilen hemmetaraplaýyn gatnaşyklary ösdürmek Türkmenistanyň ählumumy durnukly ösüşiň bähbidine giň halkara hyzmatdaşlyga gönükdirilen daşary syýasatynyň esasy ugurlarynyň biri bolmagynda galýar. Uzak ýyllaryň dowamynda bu abraýly halkara guramanyň agentlikleri hem-de düzümleýin edaralary ýurdumyzy durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň maksatnamalaryny durmuşa geçirmekde uzak möhletli, strategik hyzmatdaş hökmünde çykyş edýärler.

Geňeşiň çäklerinde ýurdumyzyň Milletler Bileleşigi bilen parahatçylyk, howpsuzlyk, ykdysadyýet, durnukly ösüş, bilim, howanyň üýtgemegi, ynsanperwer syýasat ýaly ulgamlardaky hyzmatdaşlygynyň derwaýys meseleleri ara alnyp maslahatlaşylýar. Häzirki wagta çenli geňeşiň 5 mejlisi geçirildi.

Türkmenistan dünýäniň abraýly halkara guramasy bilen «Türkmenistan bilen BMG-niň arasynda durnukly ösüş ugrunda 2026 – 2030-njy ýyllar üçin hyzmatdaşlygyň Çarçuwaly maksatnamasyny»; «Ýaşlar, parahatçylyk we howpsuzlyk» atly BMG-niň agentlikleriniň bilelikdäki maksatnamasyny; bilim, saglygy goraýyş, «ýaşyl» energetika we sanlylaşdyrma ugurlary boýunça BMG-niň Türkmenistandaky düzüm birlikleriniň bilelikdäki maksatnamalary durmuşa geçirmekde uly tagallalary edýär.



Hormatly Prezidentimiz tarapyndan öňe sürlen bu başlangyç ýurdumyz bilen halkara guramalaryň arasyndaky hyzmatdaşlygy ulgamlaýyn we utgaşykly alyp barmagy maksat edinýär. Geňeş diňe bir diplomatik meýdança bolman, eýsem, birnäçe möhüm ugurlary utgaşdyryjy merkezdir.

Türkmenistan BMG-niň strategik hyzmatdaşy hökmünde diňe bir milli bähbitleri däl, ählumumy parahatçylygy we abadançylygy üpjün etmäge gönükdirilen halkara başlangyçlaryň hem işjeň awtorydyr.

Strategik maslahat beriş geňeşiniň işi Türkmenistanyň we BMG-niň arasyndaky gatnaşyklaryň durnuklylygyny görkezýär. Bu gural Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň baştutanlygynda ýurdumyzyň halkara abraýynyň belende galmagyna, halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş şertleriniň halkara kadalara laýyklykda has-da kämilleşmegine uly itergi berýär. Bu hyzmatdaşlyk Türkmenistanyň parahatçylyk söýüjilikli ugrunyň, bitaraplyk hukuk ýagdaýynyň dünýä derejesindäki dabaralanmasydyr.

Türkmenistan BMG bilen 2021–2025-nji ýyllar üçin hereket eden maksatnamany üstünlikli jemläp, indi 2026–2030-njy ýyllar üçin täze bäşýyllyga gadam basýar. Ýurdumyzyň hemişelik Bitaraplygy BMG bilen hyzmatdaşlygyň berk binýadydyr. Häzirki wagtda Türkmenistan tarapyndan hödürlenen «Durnukly ulag onýyllygy (2026 – 2035)» başlangyjy we BMG-niň çäginde Sanly integrasiýa boýunça bütindünýä platformasyny döretmek meseleleri ara alnyp maslahatlaşylýar.

**Gurbangül SEÝITMYRADOWA,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň mugallymy.*

# SAGDYN ÇAGA – RÖWŞEN GELJEK

Maşgalada ruhy we beden taýdan sagdyn çaganyň kemala gelmegi jemgyýetiň sagdyn gurşawynyň möhüm şertleriniň biridir. Bu iş, öz gezeginde, çaganyň dünýä inen – bäbeklik döwründen başlanýar. Perzendini «altyn aşyga» deňän halkymyz ony bäbeklikden sagdyn kemala getirmek babatda baý tejribe toplapdyr.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe çagalar aýratyn alada bilen gurşalyp alynýar. Her bir täze dünýä inen bäbegiň sagdyn ösmegi ugrunda döwletimiz tarapyndan uly aladalar edilýär. Enäniň we çaganyň saglygyny goramak boýunça lukmançylyk merkezleri tarapyndan bu ugurda uly işler alnyp barylýar.

Bu barada Gahryman Arkadagymyz: «Halkymyzda «Öý ýaraşygy – çaga» diýlişi ýaly, çagalary goldamak, hemaýat bermek, olaryň geljegi hakynda alada etmek biziň baş maksadymyzdyr» diýýär.

Sagdyn çaganyň kemala gelmeginde oňa bäbeklikde edilýän ideg möhüm orun eýeleýär. Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň çaga keselleriniň propedewtikasy kafedrasynda çagalaryň saglygy boýunça geljekki hünärmenler taýýarlanýar. Talyplara «Pediatryň amaly endikleri», «Bäbekleriň kliniki fiziologiýasy» hem-de «Çaga keselleriniň propedewtikasy» dersleri boýunça bilim berilýär. Geljekki lukmanlar Bütindünýä Saglygy goraýyş guramasy tarapyndan teklip edilen maglumatlary, şeýle hem ýokary okuw mekdebiniň okuw meýilnamasyna girizilen Türkmenistanyň «Çaga keselleriniň bütewi alnyp barlyşy», «Ene süýdüni goramak we goldamak», «Howpsuz enelik», «Çaganyň irki ösüşi» Milli maksatnamalaryny öwrenýärler.

Lukman Arkadagymyzyň başlangyjy bilen döredilen Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň esaslandyrylmagyna «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan – bedew batly at-myradyň mekany» ýylynda 5 ýyl doldy. 28-nji martda türkmen halkynyň



Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow Arkadag şäherine iş saparyny amala aşyryp, gaznanyň müdiriýetiniň mejlisini geçirdi, şeýle hem bu şanly senä bagyşlanyp, Arkadag şäherinde dabaraly çäreler guraldy. Gaznanyň müdiriýetiniň mejlisinde geçen döwürde ýerine ýetirilen ynsanperwer işler barada hasabatlar diňlenildi. Gaznanyň bejeriş işleri boýunça wise-prezidenti O.Atabaýewa öz çykyşynda Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň döredilen wagtyndan bäri tutuş ýurdumyz boýunça näsag çagalaryň 758-sine operasiýalaryň geçirilendigi, Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky çagalar sagaldyş-dikeldiş merkezinde şu günki güne çenli 2 müň 467 çaganyň döwrebap sagaldyş-dikeldiş bejergisini alandygy, merkezde innowasion tehnologiýalaryň ýerli tebigy serişdeler bilen utgaşykly ulanylmagy arkaly toplumlaýyn dikeldiş bejergisiniň ýola goýlandygy barada aýtdy.

Häzirki döwürde Arkadag şäheriniň çäklerinde lukmançylyk klasteriniň binalarynyň gurluşygy batly depginde dowam edýär. «Arkadag Medisina Klasteri Menejment» kärhanasynyň önümleriniň we çaga iýmitleriniň Moskwa şäherinde geçirilen gözden geçirilişde «Ýylyň önümi» atly altyn medala hem-de degişli diploma mynasyp bolmagy bu ýerde öndürilýän saglygy goraýşa degişli serişdeleriň, çaga iýmitleriniň, beýleki degişli önümleriň hil derejesiniň hem-de ynsan saglygyna täsiriniň halkara derejede ykrar edilýändiginiň aýdyň subutnamasydyr.

Çagalar biziň röwşen geljegimizdir. Sagdyn çaga sagdyn jemgyýetiň girewidir.

Goý, geljegimiz bolan ýaş nesil barada uly alada edýän Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, belent başlary aman, il-ýurt bähbitli işleri hemişe rowaç bolsun!

**Ogulgurban ALLANAZAROWA,**
*Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň Çaga keselleriniň propedewtikasy kafedrasynyň müdiri, lukmançylyk ylymlarynyň kandidaty, dosent.*

# EKINLERI ZYÝANKEŞLERDEN GORAMAK – WAJYP WEZIPE

Oba hojalyk ekinlerine zyýan beriji mör-möjeklerdir keseller hasyla uly zyýan ýetirýär, ýagny ekinleriň hasyllylygy 10-20% we ondan hem köp peseldýär. Şonuň üçin-de olara garşy göreşmek wajyp wezipedir. Bu wezipäni üstünlikli çözmek, keselleriň garşysyna hasyly goraýjy has kämilleşen serişdeleri peýdalanmak üçin mör-möjekleriň we keselleriň esasy görnüşlerini, olaryň ösüşiniň aýratynlyklaryny hem-de olara garşy göreş çärelerini bilmek zerurdyr.

Oba hojalyk ekinlerine kebelekleriň, tomzaklaryň, siňekleriň, kertijileriň, ýasmyklaryň, şirejeleriň, çekirtgeleriň dürli görnüşleri has köp zyýan ýetirýär. Olardan başga-da gemrijiler (syçanlar, alakalar, ýalmanlar), şeýle hem slizniler, sakyrtgalar we maýda togalak gurçuklar – nematodlar howply zyýan beriji mör-möjeklerdir.

Mör-möjekler ösümlikleriň ýapraklarynda, beýleki agzalarynda taşlaýan ýumurtgalaryndan köpelýär. Her bir mör-möjek birnäçe ýüz, hatda müňlerçe ýumurtga taşlap bilýär. Olardan liçinkalar dogulýar, kebeleklerde oňa gurçuklar diýilýär. Soňra liçinkalara iýmitlenmegi bes edýärler. Şu ösüş tapgyrynda mör-möjegiň içki agzalary özgermek bilen, uly mör-möjekler emele gelip uçup gidýärler. Bir ýylyň içinde mör-möjekleriň köpüsi birnäçe nesil (meselem, şireje 15) öndürip bilýär, olaryň köp zyýan ýetirýänligi şunuň bilen düşündirilýär.

Mör-möjekleriň ekinlere zyýan ýetiriş häsiýeti olaryň agyz gurluşyna baglydyr. Meselem, güýz sowkasynyň, çemen kebeleginiň gurçugynyň, galla kertijileriň äňleri berk bolup, ýapraklary, baldagy we kökleri gemirýärler, başgaça aýdylanda, olar gemriji zyýan berijilerdir. Ýasmyklardyr şirejeler bolsa, çümüji hortumjyklarynyň kömegi bilen ösümlikleriň şiresini soryarlar.

Zyýan beriji mör-möjekleriň käbirleri dürli ýabany osýän we medeni ösümlikler bilen iýmitlenýärler, şonuň üçin olar has hem howpludyr, olara köp zäherli mör-möjekler diýýärler. Güýz sowkasy, çemen kebelegi, kösükleriň ýa-da şugundyryň gaty gurçugy (tomazagyň, jyk-jygyň liçinkasy), şireje, şugundyr ädiktikeri, çekirtge we beýlekiler şeýle mör-möjeklerdir.

Mör-möjekleriň köpüsi ösümlikleriň diňe bir görnüşi ýa-da birnäçe ýakyn görnüşleri bilen iýmitlenýärler. Meselem, kolorad tomzagy we onuň liçinkasy ýeralmadyr badamjan, pomidor, burç we ýabany ösýän itüzümleriň ýapraklary bilen iýmitlenýär. Diňe däneli ösümlikler bilen iýmitlenýän şwed siňegi bu ekinleriň irki, ýagny tohumyň topraga taşlanan we gämikleýän döwürlerinde ekini hatardan çykarýar. Nohut zernowkasy, adyndan belli bolşy ýaly, nohut ekinlerine zyýan ýetirse, kökmiwe ädiktikeri, kösükleriň zernowkasy, nohut plodorožkasy diňe kösükliler maşgalasyna degişli ekinlere zyýan berýär. Zyýan beriji pyşbagajygyň hortumjygy bilen ýaş baldagydyr ýapragy, soňra bolsa dänäni deşmegi ösümligiň saralyp guramagyna, dänäniň pak bolmagyna we akbaş keseline sebäp bolýar. Şeýle mör-möjeklere ýöriteleşen mör-möjekler diýilýär.

Sakyrtgalar möý şekillilere degişlidir. Mysal üçin, ambar sakyrtgalarynyň agyzlary gaty iýmit bilen iýmitlenmek, beýleki



görnüşleri ösümlikleriň şiresini sormak üçin uýgunlaşandyr. Gowaçany, bakja we beýleki ekinleri zaýalaýan kerepli sakyrtga, dänäni hem däne önümlerini zaýalaýan unjumak sakyrtga has hem köp zyýan berijidir.

Sliznileriň agzalara bölünmedik etli bedenjigi, nemli bardasy bolýar. Agyz boşlugynda gyrgyç şekilli gurluşy bolup, şonuň bilen iýmiti gyryp iýýär. Slizniler hereket edende, ýapraklaryň, kökleriň, miweleriň dokumasyny dili bilen törpüläp, uly zyýan ýetirýär.

Nematodalar maýdaja togalak gurçuklar bolup, agyz gurluşy iňňe görnüşlidir. Ösümlikleriň dokumalaryny deşip, olaryň şiresi bilen iýmitlenýärler. Netijede, zaýalanan ösümlikleriň dokumalarynyň şikes ýeten ýerleri çişýär. Ýumurtgalar arkaly köpelýän nematodalara hyýara, pomidora, sogana, sarymsaga zyýan ýetirýän galla nematodasyny we ýeralmanyň köklerine zyýan ýetirýän ýeralmanyň baldak nematodasyny mysal görkezmek bolar.

Gemrijiler aslynda süýdemdirijiler toparyna degişlidir. Olar köpelgiç hem-de horan bolýarlar, şonuň üçin oba hojalyk ekinlerine, ylaýta-da däneli ekinlere uly zyýan ýetirýärler. Mysal üçin, bir ýalman möwsümde 4-den 16 kilograma çenli dänäni ýok edýär diýip çaklanýar. Ýalmanlardan başga-da, syçan görnüşli gemrijiler, homýaklar, alaňňyrtlar meýdan ekinlerine zyýan ýetirýärler.

**Haýytbaý GYLYJOW,**
*D.Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň mugallymy, ykdysady ylymlaryň kandidaty, dosent.*

# EDEBIÝAT

***N.Pirogow: «Kitaplar jemgyýet mysalydyr. Gowy kitap gowy jemgyýet kimin aň-düşünjäňi artdyrýar, oňat duýgulary we ahlak häsiýetlerini terbiýeleýär».***

## Poeziýa bolan gyzyklanma 20% artdy

AST neşirýatynyň amaly edebiýat departamentiniň direktory, «AST non-fiksion» bölüminiň ýolbaşçysy Ýewgeniýa Larina satyşlaryň ösüş görkezijilerine görä, russiýalylaryň poeziýa bolan gyzyklanmasynyň 2025-nji ýyl bilen deňeşdirilende, takmynan, 20% artandygyny habar berdi.

– Poeziýa bolan gyzyklanmanyň gürrüňsiz artýandygyny aýdyp bilerin: bu ýyl kitaplarynyň satylyşy geçen ýyl bilen deňeşdirilende, takmynan, 20% ösdi. Umuman, bazardaky ösüş 10%-den gowrakdyr. Elbetde, häzirlikçe tekjeleri nusgawy ýazyjy-şahyrlar eýeleýär. Meselem, rus poeziýasyny alsak, onuň paýy 60%-den gowrakdyr – diýip, Larina aýtdy. Rus nusgawy şahyrlarynyň häzirki iň oňat bäşligi (Top-5) şeýle görünýär: birinji ýerde – Aleksandr Puşkin, onuň yzyndan Sergeý Ýesenin, soňra Mihail Lermontow, Anna Ahmatowa we Marina Swetaýewa gelýär. Daşary ýurtly şahyrlaryň arasynda «Ylahy komediýa» eseri bilen Dante öňe saýlanýar, ondan soňra Gýote, Şekspir we Omar Haýýam gelýär.



Şeýle hem, bilermen döwrebap poeziýa bolan gyzyklanmanyň artýandygyny belledi. Onuň sözlerine görä, bu ýerde internet esasy orny eýeleýär, sebäbi ol ýaş awtorlara okyjylar köpçüligine ýönekeý elýeterlilik berýär, okyjylar bazasynyň bolmagy bolsa kitaplaryň çap edilmek mümkinçiligini ýokarlandyrýar.

## Erling Holanndan taryhy sowgat

«Mançester Sitiniň» we Norwegiýanyň milli ýygyndysynyň meşhur hüjümçisi Erling Holann diňe bir futbol meýdançasyndaky üstünlikleri bilen däl, eýsem, asylly ynsanperwerlik işleri bilen hem dünýäniň ünsüni çekmegini dowam edýär. Futbol ýyldyzy özüniň önüp-ösen ýeri bolan Time munisipalitetine Norwegiýanyň taryhyndaky iň gymmat bahaly kitap neşirini satyn alyp, ony dogduk mekanyna sowgat berdi.

NRK we «Stavanger Aftenblad» neşirleriniň habar bermegine görä, gürrüň Snorre Sturlasonyň 1594-nji ýylda çap edilen «Patyşalyk rowaýatlary» atly seýrek duş gelýän kitaby barada barýar. 2025-nji ýylyň dekabrynda Erling Holann kakasy Alfi bilen bilelikde bu taryhy nusgany 1,3 million norweg kronyna (takmynan, 135 müň amerikan dollary) satyn aldy. Indi bu gymmatly neşir şäherçäniň kitaphanasynda saklanar we isleg bildirýän okyjylaryň ähli üçin elýeterli bolar.



Özüniň bu adaty bolmadyk sowgady barada durup geçen Holann: «Men hiç wagt kitap okamagyň uly muşdagy bolmandym, ýöne bu taryhy eseriň elmydama elýeterli bolmagyny isleýärin. Goý, meniň ýaşaýan ýerimden – Braýndan we Ýerenden bolan adamlar öz kökleri, taryhy şahsyýetleri barada arkaýyn okap bilsinler» diýip, öz niýetini beýan etdi. Häzirki wagtda 25 ýaşyndaky hüjümçi sport äleminde-de belent sepgitleri eýeleýär. 2022-nji ýyldan bäri «Mançester Sitiniň» düzüminde çykyş edýän Holann eýýäm Çempionlar ligasynyň kubogyny we iki gezek Angliýanyň çempionlygyny gazanmagy başardy.




...Ol ýene sahypalary ýuwaşlyk bilen agdarýar. Bu kitaby eýýäm dokuzynjy gezek okapdy, şu gezek hem okasa, onunjy sapar bolýar. Aslynda onuň ýaşka zehini umman ýaly gaýnapjoşýardy, islese, ruhuňy göteriji goşgular ýazardy, islese, kalbyňy sarsdyrýan hekaýalary. Emma ol galam ýöretmegi däl-de, dymmagy, okamagy saýlady. Onuň üçin galamyň kagyz ýüzündäki şytyrdysyndan sahypalaryň şygyrdysy has ýakymlydy.

Ýyllar kerwen gurap geçip gitdi. Bir baksa, ýaşy-da segsene ser urupdyr. Emma geň galaýmaly, ne gözünde äýnek bar, ne elinde direnmäge hasa. Diňe birneme küýkeren eginlerini hasaba almasaň, wagt oňa kär etmedik ýalydy. Ol henizem kitaplara aşyk.

«Şol bir setirleri, şol bir wakalar barada okap ýadamadymyka?» diýip, ony synlap pikir etdim.

Ahyry bir gün soradym:

– Ata, ýüz gezek okalan hekaýanyň soňy üýtgemeýär ahyryn. Nämüçin bu kitaby ýene okap otyrsyň?

Ýylgyrdy. Onuň gözlerinde ýyllarboýy durmuşdan hem kitaplardan susulyp alnan pähim-parasat uçganaklaýardy.

– Gyzym, men kitabyň soňuny bilmek üçin däl-de, öz içki dünýämiň nä derejede özgerendigini duýmak üçin okaýaryn. Kitap şol bir kitap, ýöne her gezek okap otyrkam, men öňki däl. Setirleriň arasynda gizlenip galan many menden mekirlik bilen sypjak bolýar, men bolsa ony her gezek täzeden tapýaryn.

Atam ýene sahypany agdaryp, okamaga başlady.

**Söýli HUDAÝGULYÝEWA,**
*Etrek etrabyndaky 2-nji orta mekdebiň 11-nji synp okuwçysy.*

## TOLSTOÝYŇ MIRASYNY SANLY ULGAMA GEÇIRER

Sanly ulgama geçirilen materiallar Tolstoýyň golýazmalar muzeýini we «onuň eserleriniň äheňinde wirtual dünýäni» döretmek üçin esas bolar.

2028-nji ýylda bellenilip geçiljek Lew Tolstoýyň doglan gününiň 200 ýyllygy mynasybetli «Ýandeks» we «L.N.Tolstoýyň mirasy» halkara gaznasy ýazyjynyň golýazma mirasyny sanly ulgama geçirerler. Kompaniýalar hyzmatdaşlygyň başlanandygyny yglan etdiler diýip, TASS habar berýär.

Habarda aýdylyşyna görä, «Ýandeks» ýazyjynyň 200 ýyllyk baýramçylygynyň çäginde gaznanyň baş sanly hyzmatdaşy hökmünde çykyş eder we «Lew Nikolaýewiç Tolstoýyň medeni mirasyny gorap saklamaga kömek eder». Kompaniýanyň goldawy bilen L.N.Tolstoýyň Döwlet muzeý-goraghanasynyň golýazma gaznasy, şol sanda, takmynan, iki million sahypadan ybarat bolan garalamalar sanly görnüşe geçiriler.

Sanly ulgama geçirilen materiallar Tolstoýyň golýazmalar muzeýini guramakda ulanylar. Ýatladyp geçsek, ony döretmek baradaky başlangyç ozal Medeniýet ministrliginde ara alnyp maslahatlaşylypdy. Ýazyjynyň Döwlet muzeýiniň golýazmalar bölüminiň arhiwi 300 müňe golaý saklanylýan birligi, şol sanda 170 müňden gowrak awtografly sahypalary öz içine alýar we aýratyn gymmatly medeni miras obýekti derejesine eýedir.

Mundan başga-da, «Ýandeks» we gazna ýazyjynyň mirasynyň sanly ekoulgamyny işläp düzmegi meýilleşdirýärler. Taslamanyň çäginde emeli aňyň kömegi bilen Tolstoýyň arhiwindäki suratlary işläp taýýarlamak we ulgamlaşdyrmak, onuň sesini sintezlemek hem-de «eserlerinden ylhamlanan wirtual dünýäni» döretmek göz öňünde tutulýar.



«Tolstoýyň sözi» (Слово Толстого) taslamasy bu ekoulgam üçin binýat bolar. Onuň durmuşa geçirilýän 10 ýyldan gowrak wagtynyň dowamynda hünärmenler Tolstoýyň eserleriniň doly ýygyndysyny (90 jilt) sanly ulgama geçirmegi, möhüm ylmy-barlag tekstlerini taýýarlamagy we söz ussadynyň durmuşy hem-de döredijiligi barada interaktiw materiallary işläp düzmegi başardylar.

**Laçyn IŞANGULYÝEWA,**
Aşgabat şäher Medeniýet müdirliginiň Merkezleşdirilen kitaphanalar ulgamynyň B.Kerbabaýew adyndaky kitaphana şahamçasynyň kitaphanaçysy.

## Paýhaslar

☑ Haçan-da, adam özi üçin arzyly zady goranda, diňe şonda hakykatdan hem güýçli bolýar.
***Ene Tereza.***

☑ Käbir adamlar iň owadan gülüň diňe tikenini görýär.
***Fransuz pähimi.***

☑ Sungat ruhy taýdan taýýarlygy bolanlar üçin açylýan gapydyr. Onuň aňyrsynda näme bardygyny diňe açary bolanlar görer.
***Oskar Waýld.***

☑ Gabanjaň adam başgalara ynanmaýandygy üçin däl, eýsem, özüni pes saýýandygy üçin gabanýar.
***Onore de Balzak.***

☑ Anyk maksady bolmadyk adam özüni heläkçilige eltýär: ähli ýerdäki adam hiç ýerde däldir.
***Mişel de Monten.***

☑ Diňe uklamak we iýmekden başga zady bilmeýän adam haýwandan hiç hili tapawut etmeýär.
***Wilýam Şekspir.***

☑ Ähli zat geçýär, ýöne ähli zat unudylmaýar.
***Iwan Bunin.***

☑ Gabanjaňlyk kalbyň posy ýalydyr, ol näçe köpelse, söýgi şonça-da çalt çüýreýär.
***Alyşir Nowaýy.***

☑ Nadan adam üçin iň ajaýyp saz hem diňe sesleriň toplumydyr.
***Fransua de Lakrua.***

☑ Gözellik barada pikir ýöretmek üçin, ilki bilen seniň öz içiňde gözellik bolmaly. Içinde nur bolmadyk adam, başga ýerde nury görüp bilmez.
***Ralf Woldo Emerson.***

☑ Ummanyň çuňlugyna düşünmeýän adam, kenardaky gyrmançalary görüp, deňze hapa diýer.

☑ Saman çöpi bilen sütün gurup bolmaz, düşünjesiz adam bilen belent zatlar barada söhbet edip bolmaz.

☑ Gözelligi görüp bilmezlik kemçilik däl-de, ruhy taýdan garyplygyň iň soňky derejesidir.

☑ Dürüň gadyryny ony tapan däl, tanaýan biler.
**Gündogar pähimi.**

## RASPUTIN EDEBIÝAT BAÝRAGYNYŇ ÝEŇIJILERI

Russiýada ýazyjy Wladimir Liçutin «Grumanlanlar» eseri bilen Walentin Rasputin adyndaky bäşinji Milli edebi baýragyň ýeňijisi boldy. Finalçylary eminler toparynyň başlygy, ýazyjy Pawel Basinskiý baýragyň jemlerine bagyşlanan metbugat maslahatynyň dowamynda mälim etdi.



– Rasputin adyndaky baýragyň bäşinji, ýubileý möwsüminiň birinji ornuna we 500 müň rubl sylagyna «Grumanlanlar» eseri bilen Wladimir Liçutin mynasyp boldy. Ikinji orun we 300 müň rubl möçberindäki baýrak «42-nji, talap edilýänçä» kitaby üçin Mihail Tarkowskä berildi, üçünji orun we 100 müň rubl baýraga bolsa «Arçanyň aňyrsyndan aýy çykar» atly gysga kyssa eseri üçin Anastasiýa Ýermakowa mynasyp boldy» diýip, ol aýtdy.

«Sibir kyssasynyň wesýetlerine wepalylygy üçin» atly ýörite ugur boýunça 100 müň rubl möçberindäki pul sylagy bolsa «Taýga derýasynyň eýesi» kitaby üçin Aleksandr Sedalişewe berildi.

– Baýraga öz Watanyny söýýän ajaýyp awtorlar, şahsyýetler mynasyp boldular. Bu söýgi, hakyky söýgüdir. Olar örän mynasyp dalaşgärler – diýip, Russiýa kitap birleşiginiň (RKB) başlygy Sergeý Stepaşin belledi.

Bäsleşige Russiýanyň 33 sebitinden, şeýle hem Beýik Britaniýadan, Gruziýadan, Gazagystandan, Gyrgyzystandan we Fransiýadan jemi 112 sany arza gelip gowuşdy. Ýeňijileri dabaraly sylaglamak çäresi iýun aýynda N.P.Ohlopkow adyndaky Irkutsk oblast drama teatrynda geçiriler.

Finalçylaryň işlerine edebiýatçylardan, tankytçylardan we jemgyýetçilik işgärlerinden ybarat bolan bilermenler topary baha berdi. Baýrak Russiýa kitap birleşigi we Irkutsk oblastynyň häkimligi tarapyndan rus ýazyjysy, publisist we jemgyýetçilik işgäri Walentin Rasputiniň hatyrasyna döredildi. «Onuň maksady – rus nusgawy kyssasynyň däplerine eýerip, ýokary çeperçilik derejesindäki eserleri döredýän, ahlak watançylyk gymmatlyklaryny paýlaşýan we W.G.Rasputiniň döredijilik däplerini dowam etdirýän awtorlary ýüze çykarmak we höweslendirmekdir. Baýrak Russiýa Federasiýasynyň Sanly ösüş, aragatnaşyk we köpçülikleýin kommunikasiýalar ministrliginiň hem-de «Rosteh» döwlet korporasiýasynyň goldawy bilen iki ýyldan bir gezek geçirilýär» diýip, RKB-niň metbugat gullugy habar berdi.

Gazetimiziň hepdelik elektron nusgasyny «zamanturkmenistan.com.tm», «metbugat.gov.tm», «turkmenmetbugat.gov.tm» internet saýtlaryndan hem-de «Türkmenmetbugat» mobil goşundysyndan okap bilersiňiz!

## DÜNÝÄ TÄZELIKLERI
gysga setirlerde

**► Banknotda Trampyň goly bolar.** ABŞ-nyň Garaşsyzlygynyň 250 ýyllygy mynasybetli şu ýylyň iýunyndan başlap, 100 dollarlyk täze kagyz pulda Prezident Donald Trampyň goly ýerleşdiriler. Şeýlelikde, ABŞ-nyň taryhynda kagyz puluň ýüzünde ilkinji gezek döwlet Baştutanynyň goly bolar. 165 ýyldan bäri dowam edýän düzgüniň üýtgemegi bilen, täze pulda Hazynanyň sekretarynyň (maliýe ministri) hem goly bolar. Puluň galan böleginiň dizaýny üýtgewsiz saklanar.



**► Täze albomyny çykarar.** Britan sazandasy Pol Makkartni 29-njy maýda çykjak «The Boys of Dungeon Lane» atly 14 aýdymdan ybarat täze solo albomyny we onuň ilkinji singlini köpçülige hödürledi. Täze albom aýdymçynyň Liwerpuldaky çagalyk ýatlamalaryna hem-de Lennon we Harrison bilen dostlugyna bagyşlanýar. Bu 2020-nji ýyldan bäri sazandanyň ilkinji uly göwrümli ýazgysydyr.



**► Baýlygy 2 milliard dollar.** «Forbes» žurnalynyň maglumatyna görä, meşhur aýdymçy Teýlor Swiftiň baýlygy «Eras Tour» konsertleri we saz katalogynyň gymmaty netijesinde 2026-njy ýyla çenli 2 milliard amerikan dollaryna ýetdi. Ol diňe öz döredijilik we konsert işi arkaly milliarderleriň sanawyna giren ilkinji aýdymçy hökmünde taryha adyny ýazdyrdy. Onuň girdejileriniň esasy bölegini awtorlyk galam haklary, baý saz mirasy we gymmatly gozgalmaýan emläkleri emele getirýär.



**► Ýaponiýa iň sypaýy ýurt boldy.** «Remitly» kompaniýasy tarapyndan geçirilen halkara barlagda Ýaponiýa «dünýäniň iň sypaýy ýurdy» diýlip ykrar edildi. Kanada bilen Beýik Britaniýa ikinji we üçünji orunlary eýeledi. Ýapon medeniýetindäki baş egip salamlaşmak däbi we ýuwaş sesli gepleşik dili birek-birege bolan hormaty, sylag-sarpany we sypaýylygy görkezýär. Gyzykly tarapy, ýaponlaryň öz-özüne berýän bahasy pes bolup, olar bu ugurda diňe 25-nji ýerde durýarlar.



**► Çagalara gadagan ediler.** Awstriýa 14 ýaşdan kiçi çagalara jemgyýetçilik torlaryny ulanmagy gadagan edýän kanun taslamasyny iýun aýynyň ahyryna çenli taýýarlar. Täze düzgün ulanyjylaryň ýaşyny döwrebap tehniki usullar arkaly barlamagy göz öňünde tutýar. Bu çäre çagalary ekran öňünde aşa köp wagt geçirmekden we zyýanly endiklerden goramak maksady bilen, tejribelere esaslanmak (Awstraliýa, Indoneziýa) arkaly amala aşyrylýar.



**► Öz puluny çap edip başlady.** Gyrgyz Respublikasy Garaşsyzlygynyň taryhynda ilkinji gezek milli walýutasy bolan somy we döwlet resminamalaryny öz ýurdunda çap etmäge girişdi. Prezident Sadyr Žaparowyň bellemegine görä, halkara sertifikatly täze önümçilik çykdajylary azaldyp, ýurduň ykdysady garaşsyzlygyny berkitmäge hyzmat eder. Häzirki wagtda kärhanada pasportlar we beýleki şahadatnamalar hem ýokary hilli taýýarlanylyp, eýýäm goşmaça daşary ýurt sargytlary kabul edilip başlandy.



**► «SpaceX» Aýa adam gondurar.** «SpaceX» kompaniýasynyň başlygy Gwinn Şotwell ABŞ-nyň 2030-njy ýyla çenli Aýyň üstüne adam gondurmagyny meýilleşdirýändigini mälim etdi. Taslamanyň çäginde ilki bilen robotlar arkaly önümçilik infrastrukturasy dörediler, soňra bolsa adamlar ol ýerde ýaşamak üçin ugradylar. Bu barada «SpaceX»-iň başlygy Gwinn Şotwelliň «Time» neşirine beren interwýusynda bellenilip geçilýär.



## TARYHDA ŞU GÜN

**1896-njy ýylyň 3-nji aprelinden bäri çap edilýän «La Gazzetta dello Sport» gündelik gazetiniň esasy aýratynlygy onuň özboluşly açyk gülgün reňkli kagyzy we futbola berýän uly ünsüdir. «Giro d'Italia» ýaly iri ýaryşlaryň guramaçysy bolan bu neşir häzirki wagtda dünýäniň 11 çapханasynda 300 müňden gowrak nusgada çap edilýär. Milanda ýerleşýän redaksiýa sportuň ähli ugurlaryny, aýratyn-da «Inter» we «Milan» klublarynyň durmuşyny içgin beýan edýär.**



## Söwda ylalaşygy makullandy

Ýewropa parlamenti Ýewropa Bileleşiginden Amerika barýan harytlaryň agramly bölegi üçin 15 göterimlik nyrhy kesgitlemegi göz öňünde tutýan ABŞ bilen söwda ylalaşygyny makullady. Karar 26-njy martda geçirilen ses berişlikde kabul edildi we oňa transatlantik ykdysady gatnaşyklaryny berkitmäge tarap ädim hökmünde baha berilýär. «Bu ýewropaly işewürler, işgärler we raýatlar üçin durnuklylygy hem-de öňünden çaklap bolýan şertleri üpjün etmek ugrundaky tagallalarymyzda örän möhüm sepgitdir» diýip, Ýewropa komissiýasynyň ykdysadyýet boýunça komissary Waldis Dombrowskis belledi.

Ses berişligiň öňüsyrasynda deputatlar birnäçe düzedişleri girizdiler. Mundan başga-da, resminamanyň möhleti 2028-nji ýylyň martyna çenli çäklendirilip, taraplaryň özara ylalaşmagy esasynda ony uzaltmak mümkinçiligi goýuldy. Ýewropa parlamenti tarapyndan makullanandan soň, resminamanyň güýje girmegi üçin ol agza döwletler bilen goşmaça ylalaşylar.

Waşingtonda hem bu karar hoşallyk bilen garşylandy. ABŞ-nyň ÝB-däki ilçisi Endrýu Pazder ylalaşygyň biznes üçin «durnuklylygy we çaklama mümkinçiligini» üpjün etjekdigini belläp, ähli amallaryň tamamlanmagyny çaltlandyrmaga çagyrdy.

Saklanyp galýan näbelliliklere garamazdan, Ýewropa komissiýasy ylalaşygy öňe ilerletmegiň zerurdygyny nygtaýar. «Biziň ykdysady bähbitlerimiz öňe gitmegi talap edýär» diýip Dombrowskis aýtdy.



ÝB bilen ABŞ-nyň arasyndaky söwda ylalaşygy 2025-nji ýylyň tomsunda ABŞ-nyň Prezidenti Donald Tramp bilen Ýewropa komissiýasynyň başlygy Ursula fon der Lýaýeniň arasyndaky gepleşikleriň netijesinde gazanylypdy.

## «Forbes»-iň täze sanawy

«Forbes» žurnaly dünýäniň iň baý adamlarynyň täze reýtingini çap etdi. Eýýäm ikinji ýyl yzly-yzyna sanawyň birinji ornuny işewür Ilon Mask eýeleýär. «Tesla» we «SpaceX» kompaniýalarynyň esaslandyryjysy, şeýle hem «X» sosial ulgamynyň eýesiniň baýlygy 839 milliard amerikan dollaryna ýetdi. Fewral aýynyň başynda Mask baýlygy 800 milliard amerikan dollaryndan geçen ilkinji adam boldy. Bu waka «SpaceX» kompaniýasynyň özüne degişli bolan «xAI» emeli aň startapy bilen birleşmeginden soň amala aşdy.





Reýtingde ikinji orny 257 milliard dollar maýasy bilen «Google»-nyň esaslandyryjylaryndan biri Larri Peýj eýeleýär. Üçünji ýerde bolsa «Google»-nyň beýleki bir esaslandyryjysy – baýlygy 237 milliard dollar diýlip bahalandyrylýan Sergeý Brin ýerleşdi.

Dördünji orunda 224 milliard amerikan dollar baýlygy bilen «Amazon»-yň esaslandyryjysy Jeff Bezos dur. Liderleriň bäşligini bolsa 222 milliard dollar baýlygy bilen «Meta»-nyň eýesi Mark Sukerberg jemleýär.

«Forbes»-iň materialynda milliarderleriň sanynyň artmagyny dowam edýändigi bellenilýär. Bu ýyl sanawa 3 müň 428 adam girip, geçen ýylkydan 400 adam köpdür. Bu görkeziji reýtingiň döredilen wagty bolan 1987-nji ýyldan bäri rekord derejedir.

Milliarderleriň umumy baýlygy geçen ýylky 16,1 trillion amerikan dollaryna garanyňda, 20,1 trillion dollara ýetdi. Ilkinji onluguň umumy maýasy 2,6 trillion dollar bahalandyrylýar. Baýlygy 100 milliard dollardan geçýän adamlaryň sany 20-ä ýetdi.

2026-njy ýylyň reýtingine 390 sany täze milliarder goşuldy. Olaryň arasynda Kimbal Mask, reper we prodýuser Dr. Dre (Andre Ýang), aýdymçy Beýonse Noulz-Karter we tennisçi Rojer Federer bar. Sanawdan 89 adam çykaryldy, olaryň arasynda NASA-nyň ýolbaşçysy Jared Aýzekman hem bar.

## ÇARWADARLARYŇ VI BÜTINDÜNÝÄ OÝUNLARY

Gyrgyz Respublikasynda 31-nji awgustdan 6-njy sentýabr aralygynda Çarwadarlaryň VI Bütindünýä oýunlary geçiriler.

Habarda bellenilişi ýaly, oýunlaryň açylyş dabarasy ýurduň paýtagty Bişkekde 51 müň tomaşaçy üçin niýetlenen «Bişkek Arena» stadionynda geçiriler. Açylyş dabarasyndan soň ýäreler Ysyk-Köl welaýatynda dowam eder. Oýunlar sportuň 43 görnüşi boýunça guralar. Maksatnama gazaklaryň milli oýny bolan «gökbörü» we ýakutlaryň milli göreşi bolan «hapsagaý» hem giriziler.

Çarwadarlaryň Bütindünýä oýunlarynyň halkara sekretariatynyň ýolbaşçysy Nursultan Adenowyň sözlerine görä, oýunlarda 90-dan gowrak ýurduň wekillerini kabul etmek meýilleşdirilýär. Şeýle hem daşary ýurt köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň 400 wekiliniň gelmegine garaşylýar.

«Aprel aýynda guramaçylyk işleri tamamlanar. 1-nji maýdan halkara gatnaşyjylaryň onlaýn akkreditasiýasy başlar we ol 1-nji iýula çenli dowam eder. Guramaçylyk komiteti öz işiniň jemleýji tapgyryna geçýär, howanyň ýylamagy bilen bolsa infrastrukturany abatlamak we taýýarlamak işlerine girişeris» diýip, N.Adenow habar berdi.

«Petekler diňe açylyş we ýapylyş dabaralary üçin satylar we aprel aýynda onlaýn görnüşde elýeterli bolar. Beýleki sport ýaryşlary we medeni maksatnamalar hem syýahatçylar, hem ýerli tomaşaçylar üçin mugt bolar» diýip, ol sözüniň üstüni ýetirdi.

Çarwadarlaryň Bütindünýä oýunlary çarwa halklaryň milli oýunlaryny we medeniýetini birleşdirýän halkara medeni-sport çäresidir. Bu çäre çarwa siwilizasiýasynyň mirasyny gorap saklamaga we ony bütin dünýäde wagyz etmäge gönükdirilendir. Mundan başga-da, oýunlar döwletara gatnaşyklary pugtalandyrmakda we global syýahatçylygy ösdürmekde möhüm wezipäni ýerine ýetirýär.

Çarwadarlaryň Bütindünýä oýunlary ilkinji gezek 2014-nji ýylda Gyrgyzystanda geçirildi. Onuň yzyndan 2-nji we 3-nji oýunlar, degişlilikde, 2016-njy we 2018-nji ýyllarda şol bir ýurtda geçirildi. Çarwadarlaryň IV Bütindünýä oýunlary 2022-nji ýylda Türkiýede, 5-njisi bolsa 2024-nji ýylda Gazagystanda geçirildi.



## Saud Arabystanynyň ägirt stadiony

Saud Arabystanynda Kiddiýadaky şazada Muhammet bin Salman adyndaky köpugurly stadionyň gurluşygynyň täze suratlary çap edildi. Bu desga 2034-nji ýylda geçiriljek futbol boýunça dünýä çempionatynyň esasy meýdançalarynyň biri hökmünde öňe sürülýär.

Saud Arabystany Patyşalygynyň Mirasdüşer Şazadasy, Premýer-ministri Mohammed bin Salman bin Abdelaziz Al Saudyň adyny göterýän stadion Kiddiýadaky dynç alyş zolagynda ýerleşýär we ol süýşürilýän üçek hem-de meýdança bilen enjamlaşdyrylar.

Stadionyň bir tarapy süýşürilýän äpet LED diwardan ybarat bolup, ol göni ýaýlymdaky çäreleri, filmleri we lazer şoularyny görkezmek üçin ulanylar. Ol açylanda meýdançanyň töweregindäki münberlere we stadionyň ýerleşýän ýeri bolan 200 metrlik Tuwaýk gaýasyna görnüş açýar. Bu desga süýşürilýän üçegiň, meýdançanyň we LED diwaryň birleşdirilen, dünýädäki ilkinji doly integrirlenen toplum bolar. Bu arhitektura täzeligi deňi-taýy bolmadyk köpugurlylygy üpjün edýär we meýdançany bary-ýogy birnäçe sagadyň içinde dürli formatdaky çäreler üçin üýtgetmäge mümkinçilik berýär.

Sanly ekranlar gaýanyň içinden basgançakly bloklar bolup ösüp çykýan ýaly görünýän geometrik binanyň daşky ýüzüni örter. Stadionyň töwereginde sport we dynç alyş meýdançalary bolan diňler gurlar. Olar öz gezeginde içki köçeler arkaly birleşdiriler we bu köçeler hem LED ekranlar bilen örtülip, tomaşaçylary gaýanyň gyrasyndaky syn ediş meýdançalaryna alyp gider.

Stadion Saud Arabystanynyň FIFA-2034 dünýä çempionatyny geçirmek baradaky arzasynyň bir bölegidir: «Populous» arhitektura býurosy FIFA-nyň talaplaryna laýyklykda, 45 müň orunlyk arenany taslady. Ol Saud Arabystanynyň professional ligasynyň «Al-Hilal» we «Al-Nassr» futbol klublarynyň öý meýdançasy bolar, emma şonuň bilen birlikde boks, kiber-sport, konsertler we teatr oýunlary ýaly sport, dynç alyş we medeni çäreleriň giň toplumyny hem kabul eder.



Gurluşyk Er-Riýadyň günbatarynda alnyp barylýar. Kiddiýa Saud Arabystanynda syýahatçylygy ösdürmäge gönükdirilen 14 sany taslamanyň biridir. Toplum dolulygyna Jemgyýetçilik maýa goýum gaznasyna degişlidir.

## Emmanuel Greguar Parižiň häkimi boldy

Munisipal saýlawlaryň ikinji tapgyrynyň netijelerine görä, çepçi Sosialistik partiýanyň dalaşgäri we ýurduň beýleki çepçi syýasy güýçleriniň goldawyny alan Emmanuel Greguar Parižiň häkimi wezipesine saýlandy.

48 ýaşly Greguar sesleriň 50,52%-ini alyp, Fransiýanyň öňki medeniýet ministri Raşida Datini 9% tapawut bilen yzda galdyrdy. Şeýle-de Parižiň häkimi wezipesine üçünji dalaşgär, çepçi «Boýun egmeýän Fransiýa» partiýasynyň wekili Sofi Şikiru sesleriň 7,96%-ini aldy.

Greguar Parižiň häzirki häkimi Ann Idalgonyň orunbasary bolupdy. Sagçy-merkezçi «Respublikaçylar» partiýasynyň dalaşgäri bolan we merkezçi «Demokratik hereket» hem-de Prezident Emmanuel Makron tarapyndan goldanylan Dati saýlawlaryň ikinji tapgyrynyň netijeleri mälim edilenden soň, özüniň «X» jemgyýetçilik torundaky sahypasynda ses bermegiň netijeleriniň «garaşylýan netijäni bermändigini» ýazdy.



## SEBITIŇ EKOFILM FESTIWALY

Astanada «RES 2026 EXPO» halkara «ýaşyl» tehnologiýalar we durnukly çözgütler sergisiniň çäklerinde 22-24-nji aprel aralygynda geçiriljek sebit ekofilm festiwalyna gatnaşmak üçin sargytlary kabul etmek işi başlandy.





Festiwal medeniýet işgärleriniň, ekologlaryň, bilermenler jemgyýetçiliginiň we döwlet pudagynyň arasynda gepleşikler meýdançasyna öwrülip, sebitiň kinosyny we ekologiýa gün tertibini birleşdirer. Festiwalyň maksady – wizual sungatyň dili arkaly Merkezi Aziýanyň özboluşly tebigy ekoulgamlaryny, häzirki zaman ekologiýa kynçylyklaryny we jemgyýetiň durnukly uýgunlaşmagynyň mysallaryny görkezmek bilen, sebitiň tebigy baýlyklaryna jogapkärli çemeleşmäni kemala getirmekdir.

Festiwala gatnaşmaga Merkezi Aziýa ýurtlaryndan we beýleki sebitlerden režissýorlar, prodýuserler hem-de awtorlar çagyrylýar. Klimat çalşygy, suw serişdelerini rejeli peýdalanmak, biologik dürlüligi saklamak, ESG-transformasiýasy we durnukly ösüş baradaky dokumental, gysga göwrümli hem-de animasiýa filmleri kabul edilýär.

Filmleriň seçip alynmagy mowzugyň ähmiýeti, çeperçilik hili, höndürlenişiniň özboluşlylygy we bilim beriji gymmaty ýaly ölçegler boýunça amala aşyrylýar. Festiwala kino pudagynyň öňdebaryjy halkara we sebit bilermenlerini, kinoakademiýalaryň wekillerini we Merkezi Aziýa ýurtlarynyň prodýuserlerini çekmek meýilleşdirilýär.

«RES 2026 EXPO» sergisi – Merkezi Aziýanyň durnukly ösüş ugrundaky iň iri hünär meýdançasy bolup, ol 30 ýurtdan 300-den gowrak kompaniýany, 1 müň 500-den gowrak wekili we 20 müň töweregi hünärmeni bir ýere jemlär.

## MEŞHUR ESER iki asyrdan soň görkeziler



Britan suratkeşleriniň iň görnükli wekilleriniň biri bolan Jozef Mellord Wilýam Týorneriň döredijilik ýolunyň başlanmagyna sebäp bolan taryhy işi 200 ýyldan gowrak wagtdan soň ilkinji gezek köpçülige görkeziler. Suratkeşiň 1798-nji ýylda döreden «Abergawenni köprüsi» atly akwarel kartinasy 25-nji aprelde «Gainsborough's House» muzeýinde açyljak serginiň esasy eksponaty bolar.

Bu eser suratkeşiň durmuşynyň öwrülişikli pursady boldy. Týorner 1799-njy ýylda Patyşalyk sungat akademiýasynda bu işini görkezeninden soň, bary-ýogy 24 ýaşynda akademiýanyň iň ýaş agzasy bolup saýlanýar. Şondan bäri şahsy kolleksiýalarda saklanan we 200 ýyllap hiç bir muzeýde görkezilmedik bu kartina sungat taryhçylary we muşdaklary üçin hakyky täzelik bolar. Eser 1992-nji ýylda 71 müň 500 funt sterlinge satyn alan kişi ony sergi üçin bermäge 34 ýyldan soň razy boldy. Nakgaşlyk işi 1798-nji ýylyň tomsunda Týorneriň Uelse amala aşyran alty hepdelik syýahaty wagtynda döredildi. Şol syýahat suratkeşe tebigatdaky suwuň, buludyň we şapagyň täsin öwüşginlerini öwrenmäge mümkinçilik berýär.

«Geýnsboro, Týorner we Konstebl: Peýzažyň döredilmegi» atly sergi diňe bir Týorneriň däl, eýsem, Tomas Geýnsboro we Jon Konstebl ýaly beýik britan suratkeşleriniň hem seýrek eserlerini bir ýere jemlär. Sergide Týorneriň ozal hiç ýerde görkezilmedik ýene üç sany akwarel işi, şeýle-de Geýnsboronyň 1952-nji ýyldan bäri Britaniýada ozal sergä goýulmadyk kartinalary köpçülige hödürlener.

## «Ýewrowideniýe Aziýa» bäsleşigi geçiriler

Ýewropa teleradioýaýlymlar birleşigi (EBU) 2026-njy ýylda Aziýada ilkinji gezek «Ýewrowideniýe» bäsleşiginiň gerimini giňeltmek taslamasyny amala aşyrýar.

Bäsleşigiň resmi saýtynyň habar bermegine görä, «Ýewrowideniýe – 2026» bäsleşiginiň uly finaly 2026-njy ýylyň 14-nji noýabrynda, şenbe güni Taýlandyň paýtagty Bangkok şäherinde geçiriler. Bäsleşige gatnaşýan her bir teleradioýaýlym çäräniň öň ýanyndaky birnäçe aýyň dowamynda milli saýlama tapgyrlarynyň üsti bilen öz wekillerini saýlap alarlar.

Häzirki wagtda Aziýanyň 10 ýurdundan teleradioýaýlymlaryň gatnaşmagy tassyklanyldy, ýakyn aýlarda bolsa beýleki gatnaşyjylar mälim ediler. Olaryň her biri özboluşly owazyny, özbaşdaklygyny we taryhyny sahna çykarar.

Bangladeş, Butan, Kamboja, Laos, Malaýziýa, Nepal, Filippinler, Koreýa Respublikasy, Tailand we Wýetnam eýýäm bäsleşige gatnaşjakdyklaryny tassykladylar.

Ýewropa teleradioýaýlymlar birleşiginiň (EBU) «Ýewrowideniýe» aýdym bäsleşigi boýunça direktory Martin Grin şeýle belleýär:

– «Ýewrowideniýe» aýdym bäsleşiginiň 70 ýyllygy mynasybetli, medeniýete, döredijilige we zehinlere baý bolan Aziýa sebiti bilen bilelikde bu täze baby açmak aýratyn ähmiýete eýedir.





Bu ýerde gürrüň «Ýewrowideniýe» bäsleşigini Aziýa sebiti üçin ösdürmek, onuň üýtgewsiz kadalaryna wepaly galmak bilen bir hatarda, sebitiň özboluşly owazyny we maksatlaryny açyp görkezýän täze bir taslamany döretmek barada gidýär. «Ýewrowideniýe: Aziýa» saz arkaly birleşen umumy ýolumyzy dowam etdirjek artistler, teleradioýaýlymlar we tomaşaçylar tarapyndan kemala getiriler.

# DÜNÝÄDE IŇ KÖP OKALÝAN 10 ROMAN

**Roman okamagyň peýdasy boş wagtyňy gyzykly geçirmek bilen çäklenmeýär. Çeper edebiýatyň bir žanry bolan roman başga dünýä aralaşmaga, ynsan duýgularynyň çäksizdigine göz ýetirmäge we içki dünýämizi öwrenmäge mümkinçilik berýär. Bilermenler dünýäde iň meşhur 10 romany mälim edip, bu eserleriň her bir okyjyda uly täsir galdyrýandygyny belleýärler. Okyjylaryň aglaba bölegi bu 10 romanyň adyny eşiden bolsalar gerek. Okyjylaryň arasynda bu romanlary gaýta-gaýta okanlary hem bardyr. Geliň, iň meşhur romanlar bilen tanyş bolalyň!**



**«Don Kihot».** Ispan ýazyjysy Migel de Serwantesiň ilkinji gezek 1605-nji ýylda çap edilen «Don Kihot» (Don Kihote de la Mancha) Günbatar edebiýatynyň esasyny goýdy. Häzirki zaman romanlarynyň döremeginde uly orun eýeleýän bu eserde rysarlar barada köp kitap okap, akylyny ýitiren Don Kihot (Alonso Kihano) we onuň wepaly dosty Sanço Pansa barada gyzykly wakalar gürrüň berilýär. Gülküli we gynandyryjy wakalara baý romanda ispan edebiýaty hem-de medeniýeti açylyp görkezilýär.

***



**«Oblomow».** Ýaltalyk barada gürrüň gozgalanda, Iwan Gonçarowyň «Oblomow» romany mysal hökmünde getirilýär. Ilkinji gezek 1859-njy ýylda Russiýada neşir edilen romanda baş gahryman Ilýa Iliç Oblomowyň wagtynyň köp bölegini düşekde ýatyp geçirişi we biperwaýlygy täsirli beýan edilýär. Romanyň ilkinji 50 sahypasynda Oblomowyň diňe düşeginden zordan turup, oturgyja geçişi we oturgyçdan ýene-de uzyna ýatmak üçin düşegine barşy suratlandyrylýar. Komediýa häsiýetli romanda gozgalýan esasy mesele adamyň ýaltalyk häsiýeti we jemgyýete peýda bermezligidir.

***



**«Jenaýat we jeza».** Fýodor Dostoýewskiniň «Jenaýat we jeza» romany her okyjynyň ömürlik ýadynda galjak eserleriň biridir. Dünýäde iň täsirli romanlaryň biri hasaplanýan bu eserde baş gahryman Raskolnikowyň jenaýat edip, ruhy çökgünlige düşmegi bilen ahlak we wyždan azabyny çekmegi beýan edilýär.

***



**«Iki şäheriň hekaýasy».** Çarlz Dikkensiň «Iki şäheriň hekaýasy» romanynda taryhyň jemgyýetiň ruhy ýagdaýyna ýetirýän täsiri beýan edilýär. Ilkinji gezek 1859-njy ýylda Beýik Britaniýada neşir edilen bu romanda London bilen Parižiň arasyndaky Fransuz rewolýusiýasynyň döreden dartgynlylyklary barada gürrüň berilýär. Romanda Lýusiniň, Darnaýyň we Kartonyň arasyndaky söýgi üçburçlugy täsirli beýan edilýär.

***







**«Anna Karenina».** Ady iň köp agzalýan rus romançysy Lew Tolstoýyň dünýädäki iň meşhur eserleriniň biri hem «Anna Karenina» romanydyr. Maşgala durmuşynyň çylşyrymlylygy barada oýlananyňda, ýadyňa ilkinji düşýän bu romanda Annanyň ýoldaşy Alekseý Karenin bilen nikasynyň bardygyna garamazdan, graf Wronskiý bilen söýgi gatnaşyklaryny dowam etdirmegi, Annanyň kynçylyklara duçar bolşy beýan edilýär. 1877-nji ýylda Russiýada neşir edilen romanda söýginiň ýalan we zorluk bilen gurlup bilinmejekdigi subut edilýär.

***



**«Les Misérables» (Terk edilenler).** Fransuz edebiýatynyň iň gowy nusgalarynyň biri hasaplanýan «Les Misérables» romany uzak ýyllaryň dowamynda kinoda we teatrda sahnalaşdyrylandygyna garamazdan, iň köp okalýan kitaplaryň biri bolmagynda galýar. Wiktor Gýugonyň 1862-nji ýylda Fransiýada neşir edilen romanynda çörek ogurlandygy üçin 19 ýyllap tussaglykda oturan Žan Walžanyň agyr durmuşy, jenaýat we adalat ugrunda göreşi beýan edilýär.

***



**«Žerminal».** Ilkinji gezek 1885-nji ýylda Fransiýada neşir edilen Emil Zolanyň «Žerminal» romanynda Monsu kömür käninde işleýän işçileriň betbagtçylygy we iş taşlaýşy gürrüň berilýär. Taryhy wakany suratlandyrýan bu eser fransuz edebiýatynyň iň möhüm nusgalarynyň biridir.

***

Dünýäde iň köp okalýan 10 romanyň arasynda fransuz ýazyjylary Onore de Balzagyň «Liliýanyň jülgesi», (1925 ý.), Wiktor Gýugonyň «Notr-Damyň jaňlary» (1831 ý.), rus ýazyjysy Nikolaý Gogolyň «Öli janlar» (1842 ý.) romanlary bar.

# «GMAIL» 22 ÝAŞADY

**«Google»-yň elektron poçta hyzmaty bolan «Gmail» 22 ýaşady. 2004-nji ýylyň 1-nji aprelinde «Google» internet gözleg saýty tarapyndan işe girizilen elektron poçta hyzmatyndan häzirki wagtda 1,8 milliarddan gowrak adam peýdalanýar. Mugt hat we habar ugratmakda peýdalanylýan bu ulgam hemmelere elýeterli bolmak bilen bir hatarda, ygtybarlylygy bilen hem tapawutlanýar. Web interfeýsi, POP3, SMTP, IMAP protokollary, şeýle hem Android telefonlarda «Gmail» programmasy arkaly «Google»-yň elektron poçta hyzmatyndan peýdalanyp bolýar. 2012-nji ýylda «Gmail» dünýäde iň meşhur e-poçta hyzmatyna öwrüldi we ulanyjylaryň sany boýunça bäsdeşi «Microsoft»-yň «Hotmail»-nden öňe geçdi.**

**Ulanyjylar gmail.com e-poçta salgysyny açmak arkaly bu ulgamdan peýdalanyp bilýärler. 2005-nji ýylda poçta gutusy 1 GB-dan 2 GB-a çenli artdyryldy. 2012-nji ýylda «Google Drive»-yň işe girizilmegi bilen poçta gutusynyň ölçegi 7,5 GB-dan 10 GB-a çenli ulaldyldy. Häzirki wagtda «Gmail» ulanyjylaryna «Google»-da 15 GB ýer berýär.**







**Taryhy**

**«Google»-yň 23-nji işgäri Pol Buhaýt 2001-nji ýylda «Gmail» e-poçta hyzmatynyň üstünde işläp başlaýar. Üstünlikli tamamlanan taslama 2004-nji ýylyň 1-nji aprelinde işe girizildi. Şol wagtlar «Google»-yň e-poçta hyzmaty beýlekilerden mugtdygy, 1 GB-a çenli boş ýer berýändigi bilen tapawutlanýardy. Ilkibaşda dostuň bilen hat alyşmak üçin ulanylan «Gmail» 2007-nji ýylda köpçülige elýeterli boldy.**

**«Gmail» 40-dan gowrak dilde elýeterlidir. 2009-njy ýylda «Gmail» «iPhone» we «iPod Touch» ulanyjylary üçin hem elýeterli boldy. 2015-nji ýylda e-poçta hyzmatynda ibermek amalyna hatyň haçan barmalydygy barada goşmaça amal girizilýär. Şeýlelikde, ugradylan hat alyja şol wagtda däl-de, görkezilen wagtda barýar. Mysal üçin, gije 12:00-da dostuň doglan gününi gutlamak üçin hat ibermekçi bolsaň, ýarygijä çenli garaşmak hökman däl. Doglan gün gutlagyny birnäçe gün öňünden şol wagty (31.03.2026/12:00) görkezmek arkaly nobata goýup bolýar. «Gmail» 9 aý bäri ulanylmaýan poçta hasabyny ýapmak hukugyny özünde saklaýar. «Google» poçta hyzmatynyň goraglylygyny üpjün etmek maksady bilen, öýjükli telefona 6 sanly kody SMS ulgamy arkaly ýollaýar. Poçta hasaby özüne howp abanan ýagdaýynda wagtlaýyn ýapylyp ýa-da çäklendirilip bilýär. Çäklendirilen poçta hasabynyň dikeldiş işleri 24 sagada çenli dowam edýär.**





# TANZANIÝANYŇ ÝAŞYL KRATERI

Ngorongoro krateri dünýädäki iň uly ýaşyl kraterleriň biri hasaplanýar. Tanzaniýada ýerleşýän bu gözellik 610 metr çuňlukdaky çöketlikden we tegelek kölden ybarat. 260 inedördül kilometr meýdany tutýan Ngorongoro krateri, takmynan 2-3 million ýyl mundan ozal emele gelipdir. Afrikanyň uly bäşliginiň (arslan, pil, kerk, alajabars, buýwol), gaplaň sürüsiniň we 25 müňden gowrak iri süýdemdirijiniň ýaşaýan ýeri bolan ýaşyl krater ÝUNESKO-nyň Bütindünýä mirasynyň sanawyna girizilen tebigy gözellikleriň biridir.



Diametri 20 kilometre barabar krateriň aşak inýän kert düzlüginde «Lerai» tokaýy ýerleşip, ýabany jandarlaryň ýaşamagy üçin oňaýly şert döredýär. «Lerai» tokaýy ýokardan seredeniňde göze meňzeýän Magadi kölüne çenli uzalyp gidýär. Bu köle Munge we Lerai derýalary guýýar. Gazana meňzeş tebigy gözelligiň düýbündäki Magadi köli ýabany jandarlary içimlik suw bilen üpjün edýär. Kölde balygyň dürli görnüşleri we flamingolar ýaşaýar. Tomus paslynda kölüň daş-töwereginde janly tebigat muzeýi emele gelýär. Krateriň ýokarsynda oturyp, oýtumdaky köli we janly-jandarlary synlamak syýahatçylarda ýatdan çykmajak täsir döredýär. Tanzaniýanyň iň meşhur ýerleriniň biri bolan Ngorongoro kraterine her ýyl 750 müňden gowrak syýahatçy barýar. Masai dilinde «Hudaýyň dagy» diýmegi aňladýan Ngorongoro krateri Afrikanyň 7 tebigy täsinliginiň biridir.

# ÇAGALARA OÝNAWAÇLARYNY TERTIPLI SAKLAMAGY ÖWRETMELI

Oýnawaçlar çagalaryň akyl we fiziki endiklerini ösdürmäge mümkinçilik berýär. Körpejeler oýnawaçlaryna güýmenmek arkaly daş-töweregi öwrenýärler. Mysal üçin, haýwanlary sesinden we şekilinden tanamagy, sanamagy, ýazmagy, surat çekmegi, gysgajyk aýdymlary, saz çalmagy, inženerçilik hasaplamalary öwrenýärler. Mundan başga-da, oýnawaçlar çagalaryň hyýallarynyň ösmegine, ünsüniň güýçlenmegine, el-barmak endikleriniň kämilleşmegine, çözgüt tapmak, baş alyp çykmak endikleriniň ýokarlanmagyna, köpçülik bilen dil tapyşmaga, sabyrly, hoşamaý bolmaga, tebigata has ýakyn bolmaga mümkinçilik berýär.



Çagalar hemişe akyl we psihologik taýdan ösüşde bolansoňlar, oýnawaçlaryny, şahsy zatlaryny tertiplemegi bilmeýärler. Şeýle ýagdaýda ata-eneler çagalara oýnawaçlary tertipläp goýmagy, güýmenje esbaplaryny soňam oýnamalydygyny düşündirmeli. Otagy tertiplemek, oýnawaçlaryny ýerli-ýerine goýmak çagalar üçin içgysgynç bolup görünýär. Şol sebäpli körpejeler bilen oýun oýnaýan ýaly görnüşde oýunjaklaryny ýygnamagy endige öwürmeli. Oýunlar kim köp oýnawaç toplamak, oýnawaçlary kim çalt ýygnamak ýaly görnüşde bolup biler. Şeýle ýagdaýda çagalar oýnawaçlaryny has eý görüp, toparlap goýmaga düşüner. Soňra çagalara tertipli we bulam-bujar oýnawaçly otagda oýnamagyň tapawudyny düşündirmeli. Haýsy otagyň has owadan we gelşikli görünýändigini, haýsy otaga dostlaryny çagyrmak isleýändigini soramaly. Çagalar, elbetde, tertipli we oýnawaçlary ýerbe-ýer goýlan otagy saýlar.



Mundan başga-da, çagalardan bulam-bujar otagdan haýsydyr bir oýnawajy tapyp bermegini soramaly. Çaga otagy birnäçe wagtlap dörenden soň oýnawajyny tapar. Otagy tertipläniňizden soň, ýene-de şol oýnawajyny tapmagy soramaly. Çaga ýerbe-ýer duran güýmenje esbaplaryna seredip, ýaňky oýnawajy derrew tapyp berer. Çaga bulaşyk otagdan oýnawajyny tapmak üçin nähili kösenendigini düşündirip, otagy tertiplemegiň ähmiýetine ünsi çekmeli. Mundan başga-da, çagalara çalam-çaş oýnawaçly otagda oýnap ýörkä ýykylyp, şikes alyp biljekdigini düşündirmeli. Otagyny we oýnawaçlary tertipläp bolansoň, çagany hökman kemputmy ýa-da kökemi, haýsydyr bir eý görýän zady bilen sylaglamaly. Şeýle ýagdaýda çagalar her gün oýnawaçlaryny tertiplemegi endik ederler.

# Günüň dowamynda näçe gezek pallaýarsyňyz?

Uly adamlaryň, bäbekleriň, hatda käbir jandarlaryň hem pallaýanyny görýäris. Günüň dowamynda näçe gezek pallamalydygy barada anyk pikirler ýok. Adam her gün ortaça 28 gezek pallaýar. Bu, esasan, ukudan oýanylanda we ýatmazdan öň bolup geçýär. Bilermenler adamyň ýadawlyk we içgysgynç ýagdaýlardan başga wagty pallamagynyň saglyk ýagdaýy barada bir zatlary habar berýändigini aýdýarlar. Adaty däl wagty pallamak näsazlyk alamatlaryny (mysal üçin, kislorod ýetmezçiligi) görkezip biler.



Günüň dowamynda ýygy-ýygydan pallaýarsyňyz we munuň sebäbini ýadawlyk bilen baglanyşdyrýarsyňyz. Bilermenleriň pikiriçe, pallamak saglyk bilen bagly birnäçe ýagdaýy habar berýär. Bilermenler pallananda ýüz myşsalarynyň gysylyp-gowşaýandygyny we beýnä barýan gan aýlanyşygyny artdyrýandygyny belleýärler. Bu ýagdaý kelläniň sowadyjy ulgamy bolup hyzmat edýär.

Alymlaryň köpüsi pallamagyň adamyň fiziologik işi bilen bagly ýüze çykýandygyny, ýagny beden bilen baglanyşykly ýagdaýlary habar berýändigini belleýär. Pallamak diňe ýadawlygyň ýa-da ukusyzlygyň däl, eýsem, ýürek ýetmezçiliginiň hem alamaty bolup biler. Bilermenler ýürek agyrysy bolan adamlarda ýa-da ýürege barýan gan aýlanyşygynda kynçylyk dörände beden kislorod ýetmezçiliginiň öwezini dolmak üçin şeýle reaksiýa (aşa köp pallamak) görkezip biler diýip belleýärler. Şeýle ýagdaýda döşde agyry peýda bolsa, dem alyşda kynçylyk duýulsa ýa-da baş aýlanma alamatlary ýüze çyksa, derhal lukmana ýüz tutmaly.



Pallamagyň iň köp ýaýran sebäpleriniň biri uky bozulmasydyr. Şeýle-de bolsa, bu diňe bir uklap bilmezlik dälde, dem alyşda kynçylyk çekmek bilen hem baglydyr. Uklap ýatyrka dem almakda kynçylyk çekýän adamlar oýa wagty aşa köp pallaýarlar. Beden uka giden wagty beýnini oýa saklamak üçin bu mehanizmi ulanýar.

Seýrek duş gelýän bolsa-da, aşa köp pallamak newrologik meseleleriň irki alamaty bolup biler. Mundan başgada, bejergi alýan mahalyň köp derman içmek, esasan hem, rahatlandyryjy derman serişdelerini ulanmak ýygy-ýygydan pallamaga sebäp bolýar. Bilermenler aşa köp pallaýan adamlara lukmana ýüz tutmagy we saglyk barlaglaryndan geçmegi maslahat berýärler.

# Buker baýragynyň GYSGA SANAWY

Çeper edebiýat ugrundaky iň esasy baýraklaryň biri bolan «Buker baýragy – 2026»-nyň gysga sanawy mälim edildi. Baýragyň saýtynda berilýän habara görä, şu ýylky eminler toparyna ýazyjy Nataşa Braun ýolbaşçylyk edýär.





**Şu ýyl eminler topary 128 eseriň arasyndan 13 kitapdan ybarat bolan uzyn sanawy (longlist) saýlap aldylar, soňra bolsa bu sanawy alty sany finalçy esere çenli gysgaltdylar. Gysga sanawa şu eserler girdi:**

- «Taýwan syýahatnamasy» (Taiwan Travelogue) — Ýang Şuan-Szy;
- «Jadygöý» (The Witch) — Mari Ndýaý;
- «Ýeriň häzirki durky» (Of Earth as It Is) — Ana Paula Maýýa;
- «Režissýor» (The Director) — Daniel Kelman;
- «Galyberýän aýal» (She Who Remains) — Rene Karabaş;
- «Tähranda asuda gijeler» (Nights are Quiet in Tehran) — Şida Bazýar.

Emin agzalary terjimeçilik işiniň ähmiýetini aýratyn nygtaýar: 50 müň funt sterling möçberindäki pul baýragy awtor bilen terjimeçiniň arasynda deň bölünýär. Mundan başga-da, gysga sanawa girenleriň her birine 5 müň funt (her haýsyna 2,5 müňden) berilýär.

**Ýeňiji 2026-njy ýylyň 19-njy maýynda Londonyň «Teýt Modern» galereýasynda geçiriljek dabarada mälim ediler.**



**«Buker» baýragy iňlis edebiýaty boýunça dünýäniň iň abraýly baýraklarynyň biridir. Baýrak 2013-nji ýyla çenli diňe Milletler Arkalaşygy ýurtlarynyň birinde ýaşaýan awtoryň iňlis dilinde ýazan romany üçin berilýärdi. Bu baýrak 2014-nji ýyldan bäri awtoruň nirede ýaşaýandygyna garamazdan, iňlis dilinde ýazylan roman üçin berilýär. Baýragyň ilkinji gowşurylyşy 1969-njy ýylda bolup geçdi.**

Gazetimiziň hepdelik elektron nusgasyny «zamanturkmenistan.com.tm», «metbugat.gov.tm», «turkmenmetbugat.gov.tm» internet saýtlaryndan hem-de «Türkmenmetbugat» mobil goşundysyndan okap bilersiňiz!

Sahypany taýýarlan Sumbar ALYŞIROW.

# GURY ÝERDE ÝAŞAÝAN ÄPET JANDARLAR

● **Torly piton:** ýylanlaryň bu görnüşiniň ortaça uzynlygy 4-5 metr aralygynda üýtgeýän hem bolsa, käwagt 8-10 metre golaý torly pitonlara hem gabat gelinýär. Olaryň agramy 150-200 kilograma çenli ýetýär. Bu ýylanlar zähersiz bolýar. Ýylanlaryň bu görnüşi Günorta-Gündogar Aziýadaky batgalyklarda, tropik tokaýlarda ýaşaýar.





Piller diňe bir dünýäniň iň uly gury ýer süýdemdirijisi bolmak bilen çäklenmän, eýsem, uzak aralykdan aragatnaşyk saklap bilmegi we ösen ýatkeşligi bilen hemmeleri haýran galdyrýar. Ägirt uly beýnisi bolan piller akylly jandar hasaplanýar. Agramy 2,5 tonnadan 6,5 tonna çenli ýetýän äpet jandarlar Sahara çölüniň günortasynda, Günorta we Günorta-Gündogar Aziýada ýaşaýar. Piller Afrikanyň 37, Aziýanyň 13 ýurdunda duş gelýär.

● **Kadýak aýysy:** polýar aýysynyň goňur görnüşi hasaplanýan bu ýyrtyjy jandaryň ady ýaşaýan ýeri bilen baglanyşyklydyr. Bu aýylar Alýaskanyň



Kadýak adasynda we Kadýak arhipelagyndaky beýleki adalarda ýaşaýar. Ol gury ýerde ýaşaýan iň uly ýyrtyjy haýwan hasaplanýar. Olaryň tarapy tapmak ukyby örän ýokarydyr. Bu aýylaryň göwresiniň uzynlygy 2,5 metre, dik aýak üstüne galanda bolsa, boýy 3 metre ýetýär. Kadýak aýysynyň agramy 300-600 kilogram aralygynda bolýar.

● **Komodo zemzeni:** Indoneziýanyň gündogaryndaky tokaýlyklarda ýaşaýan komodo zemzeni hažžygyň iň uly görnüşi hasaplanýar. Olaryň boýy 3 metre, agramy 200 kilograma



çenli bolýar. Hernäçe uly hem bolsa, bu jandarlar adamlara topulmaýar.

● **Žiraf:** bu jandarlaryň boýy beýleki haýwanlaryň ählisinden uzyn. Şol sebäpli žiraflar agaçlaryň beýik şahalaryndaky ýap-



raklar bilen iýmitlenýär. Olaryň boýy 6 metre ýetýär. Žiraflaryň derisindäki owadan nagyşlaryň her biri edil, adamyň barmak yzlary ýaly bir-birinden tapawutlydyr. Ýagny hiç bir žiraf beýlekisine meňzemeýär. Uzyn boýly jandary görmek üçin onuň ýaşaýan ýeri bolan Afrika gitmegiň zerurlygy ýok. Ony görmek üçin Köpetdagyň etegindäki Janly tebigatyň milli muzeýine baryp bilersiňiz.

● **Düýeguş:** uçup bilmeýän bu jandarlar häzirki wagtda dünýäniň iň uly guşlary hasaplanýar. Olaryň boýy 2,5 metr, agramy 90-145 kilogram aralygynda bolýar. Her bir jandaryň duşmanyn-



dan goranmak ukyby bar. Iri ýyrtyjy haýwanlaryň ýaşaýan ýerinde gabat gelýän bu jandarlaryň aýaklary örän güýçli bolup, duşmanlaryndan gaçyp gutulýar. Düýeguşlar ýumurtgasyndan, etinden we perinden peýdalanmak maksady bilen fermalarda ösdürilip ýetişdirilýär.

# Armyda meňzeş maňyzly miwe

Tropik howa şertlerinde ösýän Günbatar anakardium (anakardium oksidentale) agajy armyda meňzeş maňyzly miwesi bilen tapawutlanýar. Ata Watany Braziliýa hasaplanýan bu miwe armyt görnüşli içi suwly bölekden, ortasyndaky etli bölekden we aşak bölegindäki egrije maňyzdan ybarat. Miwäniň maňzyna keşýu diýilýär. Boýy 12 metre çenli ýetýän Günbatar anakardium agajy Braziliýada, Hindistanda, Afrikada we Günorta-Gündogar Aziýada ösýär. Günbatar anakardiumyň miwesi açyk gyzyl ýa-da sary reňkde bolýar. Miwäniň daşky bölegi örän ýumşak we etli bolup, hoşboý tagamy bar. Keşýunyň armyt görnüşli böleginden şire, jem we marmelad taýýarlanýar.

Keşýunyň iň ýokumly we tagamly bölegi ilgençek görnüşli maňzy hasaplanýar. Miwäniň maňzyna başgaça, «keşýu hozy» hem diýilýär. Keşýu hozy guradylandan we gowrulandan soň iýmäge ýaramly bolýar. Egrije maňzy göni iýmek zyýanly hasaplanýar. Sebäbi onda zäherli maddalar we derini gyjyndyrýan kislota bolup biler. Bu maddalar gowrulyp gaýtadan işlenende maňzyň düzüminden aýrylýar.

Keşýu saglyk üçin peýdaly miweleriň biri hasaplanýar. Onda immuniteti berkidýän we zyýanly täsirlere garşy göreşýän C witamini bar. Bu miwe antioksidantla-




ra, minerallara we iýmit süýümine baýdyr. Keşýu iýmit siňdiriş ulgamy üçin örän peýdalydyr. Keşýu ýolnandan soň armyt görnüşli ýumşak bölegini derrew iýmeli. Sebäbi miwe çalt zaýalanýar. Maňzyny bolsa, toplap kölegede guratmaly we soňra duz bilen gowurmaly. Keşýu önümçiliginde Braziliýa, Hindistan, Wýetnam we Burkina-Faso ýaly ýurtlar öňdeligi eýeleýär. Dünýäde her ýyl 4 million tonna töweregi keşýu hozy öndürilýär.

**Sanlary birleşdirip, şekili reňkläň!**



**7 tapawudy tapyň!**



# Balyklar suwuň düýbünde nädip görýär?

**Gün şöhlesi deňziň 200-300 metr çuňlugyna çenli ýagtyldýar. Soňra kem-kemden şöhle azalyp ugraýar. Deňziň düýbüne gitdigiňçe diňe ýşyk azalmak bilen çäklenmän, basyş güýji hem ýokarlanýar. Ýagny islendik jisimiň suwuň düýbüne çümmegi üçin örän dykyz bolmagy gerek. Bolmasa deňziň basyşy ony ýokarlygyna, suwuň akymy bolsa kenara itip çykarýar. Deňiz suwunyň düzüminde duzuň mukdarynyň köp bolandygy üçin dykyz bolup, oňa çümmek aňsat däl. Bulara garamazdan, ummanlaryň has çuň ýerlerinde hem janly-jandarlaryň köp görnüşi, şol sanda balyklar ýaşaýar.**

**Deňziň düýbünde tüm garaňkyda ýaşaýan jandarlaryň her biriniň aýratyn görüş ukyby bar. Bu jandarlaryň käbiriniň bedeni tutuşlygyna ýa-da belli bir bölegi ýagtylyk saçýar. Şeýlelikde, awuny özüne çekip, aňsatlyk bilen tutýar. Käbirleri bolsa, suwda basyşyň üýtgändigini duýýar we golaýyna nähili ululykdaky jandaryň gelendigini aňýar. Deňiz jandarlarynyň köpüsi ses we ys almak arkaly beýleki jandarlaryň bardygyny aňýar. Ses suwda açyk howadakydan has çalt ýaýraýar. Bu bolsa, balyklara aňsatlyk bilen aw etmäge mümkinçilik berýär. Deňiz jandarlarynyň köp görnüşiniň bedeni aýna ýaly bolup, özüne gelýän örän az mukdardaky ýşygy yzyna serpikdirmek arkaly garaňkyda görüş ukybyny artdyrýar. Deňziň çuň ýerinde ýaşaýan balyklaryň görmeýäni hem bar, örän az görýäni hem bar. Ummanyň dürli çuňluklarynda dürlüçe ýaşaýyş bar.**







## 11-nji SKANWORD

**Jemşit ATAÝEW,** *Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň talyby.*



## 16-njy KROSSWORD

● **DIKLIGINE:** **1.** Owadan, gözel. **2.** Suwag üçin taýýarlanýan palçyk. **3.** Tokaý jandary. **4.** Mustafa Kemala berlen lakam. **5.** Öküze goşup ýer sürmek üçin ulanylýan gural. **6.** Abzal, iş guraly. **7.** Ýuka ýüreklilik, mähirlilik. **8.** Bir zadyň köp bölegi, agramy. **9.** Tahallus. **13.** Diplomatiýanyň dörän ýeri. **16.** Ýangyç üçin böleklenen, owradylan ojar, çeti-çerkez ýaly agaçlar. **17.** Goýnuň alty aýa çenli çagasy. **18.** Ýeňse, yz. **19.** Gadymky, owalky. **21.** «Dama-dama ... bolar, hiç dammasa – çöl» (nakyl). **23.** Aýakgap we ş.m. zatlary tikmek üçin işlenen gaýyş. **24.** Göroglynyň aty. **25.** Bir zada akyl ýetirmek üçin adamda bar bolan tebigy ukyp. **31.** Pasyl. **33.** Ýumşak däl. **35.** Gowşak, asgyn. **36.** Terbiýe, görüm-görelde. **38.** Mukdar san. **39.** «Mis patyşalygy» diýlip atlandyrylýan ýurt. **41.** «Sähel zada gyzyp, egrilik etmek,/Ýurt eýesi ... hana ýaraşmaz» (Baýly şahyr). **43.** Däne elenýän uly, irigöz elek. **44.** Beýik bina. **45.** Dessanyň gürrüň görnüşli bölegi. **46.** Maslahat beriji, töwellaçy. **50.** Daýy (köne söz). **51.** Äşgär. **53.** Aýlaryň biri. **55.** Ters, jet. **57.** Altyn, tylla.

● **KESELIGINE:** **1.** Zyýan. **3.** Delide Orta asyrda Kutub minarasyny gurduran türkmen soltany. **6.** At esbaby. **8.** Ymam Ryza: «Geplemezlik – akylyň dürdänesidir, ... her kime dostdur, nadana duşmandyr». **10.** Dessura görä, çaga bolanda molla tarapyndan okalýan doga. **11.** Oglan ady. **12.** «Ata kesbi ogla ...» (nakyl). **14.** Çalt. **15.** Owunuk mallaryň endamyna çykýan ýara. **18.** Ýapraklary uzyndan ýasy, kiçijik gülli ot. **20.** Kysmat. **22.** Arpa-bugdaý gabygy. **24.** Durmuşa çykmadyk zenan. **26.** Atyň, malyň maňlaýynda, alnynda bolýan ak tegmil, sakar. **27.** Şerigata esaslanyp dawa çözýän adam. **28.** «... özün egsik saýmaz bedewden,/Gymmat etseň, at ýanynda bellidir» (Magtymguly Pyragy). **29.** Owaz, aýdym. **30.** Hormat-sylag, şan-şöhrat. **32.** Bedeniň bir synasy. **34.** Gözegçilik, garaşyk. **36.** Günorta tarapy aňladýan söz. **37.** «... mülküniň içinde jan turdy perwaz eýläp» (Magtymguly Pyragy). **39.** Belli bir netije, gelnen karar. **40.** ... Gandi: «Düwülgi ýumruk bilen birek-biregiň elini gysyp bolmaýar». **42.** Ýagynsyz, gurak. **47.** Duşma, gowuşma. **48.** Köşek ýa-da ogşuk ýüňünden egrilip dokalýan çäkmenlik mata. **49.** Edermen, gaýduwsyz. **51.** Gadymy grek taryhçysy Gerodotyň kitabynda Tejen derýasynyň atlandyrylyşy. **52.** Göz. **54.** Akaba. **56.** Aw iti. **58.** Ýarawsyz. **59.** Gala, berkitme.

**Gülendam TAGANOWA,**
*Kaka etrabyndaky takyk ugurlar boýunça ýöriteleşdirilen 21-nji orta mekdebiň mugallymy.*

14-nji krosswordyň jogaby:



15-nji krosswordyň jogaby:



10-njy skanwordyň jogaby:



# TÄZE MÖWSÜM BAŞLANÝAR

Ertir futbol boýunça Türkmenistanyň milli çempionatynyň täze möwsümine badalga berler. Çempionatda 8 klub çykyş edip, olar – «Arkadag», «Ahal», «Altyn Asyr», «Şagadam», «Nebitçi», «Aşgabat», «Köpetdag», «Merw» toparlarydyr.

1-nji tapgyryň duşuşyklary 4–5-nji aprelde oýnalar. Çempionat jemi 4 tapgyrdan ybarat bolar.

☑ **1-nji tapgyr.** «Ahal» – «Köpetdag», «Şagadam» – «Nebitçi» *(4-nji aprel)*, «Arkadag» – «Merw», «Altyn Asyr» – «Aşgabat» *(5-nji aprel)*

☑ **2-nji tapgyr.** «Aşgabat» – «Şagadam», «Merw» – «Nebitçi», «Köpetdag» – «Altyn Asyr» *(11-nji aprel)*, «Arkadag» – «Ahal» *(12-nji aprel)*

☑ **3-nji tapgyr.** «Altyn Asyr» – «Arkadag», «Şagadam» – «Köpetdag», «Nebitçi» – «Aşgabat», «Ahal» – «Merw» *(18-nji aprel)*

☑ **4-nji tapgyr.** «Arkadag» – «Şagadam» *(21-nji aprel)*, «Köpetdag» – «Nebitçi», «Merw» – «Aşgabat», «Ahal» – «Altyn Asyr» *(22-nji aprel)*

☑ **5-nji tapgyr.** «Aşgabat» – «Köpetdag», «Nebitçi» – «Arkadag», «Şagadam» – «Ahal», «Altyn Asyr» – «Merw» *(26-njy aprel)*

☑ **6-njy tapgyr.** «Merw» – «Köpetdag», «Ahal – «Nebitçi» *(2-nji maý)*, «Arkadag» – «Aşgabat», «Altyn Asyr» – «Şagadam» *(3-nji maý)*

☑ **7-nji tapgyr.** «Şagadam» – «Merw», «Nebitçi» – «Altyn Asyr», «Aşgabat» – «Ahal», «Köpetdag» – «Arkadag» *(10-njy maý)*

☑ **8-nji tapgyr.** «Merw» – «Arkadag», «Köpetdag» – «Ahal», «Aşgabat» – «Altyn Asyr», «Nebitçi» – «Şagadam» *(16-njy maý)*

☑ **9-njy tapgyr.** «Altyn Asyr» – «Köpetdag», «Ahal» – «Arkadag», «Nebitçi» – «Merw», «Şagadam» – «Aşgabat» *(20-nji maý)*

☑ **10-njy tapgyr.** «Köpetdag» – «Şagadam», «Arkadag» – «Altyn Asyr» *(23-nji maý)*, «Merw» – «Ahal», «Aşgabat» – «Nebitçi» *(24-nji maý)*

☑ **11-nji tapgyr.** «Aşgabat» – «Merw», «Nebitçi» – «Köpetdag», «Şagadam» – «Arkadag», «Altyn Asyr» – «Ahal» *(30-njy maý)*

☑ **12-nji tapgyr.** «Merw» – «Altyn Asyr», «Arkadag» – «Nebitçi», «Köpetdag» – «Aşgabat», «Ahal» – «Şagadam» *(7-nji iýun)*

☑ **13-nji tapgyr.** «Köpetdag» – «Merw», «Aşgabat» – «Arkadag», «Nebitçi» – «Ahal», «Şagadam» – «Altyn Asyr» *(13-nji iýun)*

☑ **14-nji tapgyr.** «Merw» – «Şagadam», «Altyn Asyr» – «Nebitçi», «Arkadag» – «Köpetdag», «Ahal» – «Aşgabat» *(20-nji iýun)*

# MALININ, SAKAMOTO, SIZERON

Figuralaýyn typmak boýunça nobatdaky Dünýä çempionaty Çehiýanyň paýtagty Pragada geçirildi. Çempionatda erkekleriň arasynda çempion üýtgemedi. Amerikaly Iliýa Malinin bassyr 3-nji gezek altyn medala mynasyp boldy. Asly rus bolan türgen gysga hem-de erkin görnüşlerdäki bäsleşikleriň 2-sinde-de 1-nji orny eýeläp, 329,40 utuk toplady. Erkekleriň arasynda 2-3-nji orunlary ýaponiýaly Ýuma Kagiýama bilen Şun Sato paýlaşdy. Kagiýama soňky 6 ýylda 4-nji gezek kümüş medal gazanyp, ol geçen ýyl çempionaty bürünç medal bilen tamamlapdy.







Zenanlaryň arasynda ýaponiýaly Kaori Sakamoto 1 ýyllyk arakesmeden soň, 4-nji altyn medalyny gazandy. 25 ýaşyndaky türgen 2022-nji, 2023-nji hem-de 2024-nji ýyllarda-da çempion bolupdy. Ol geçen ýyl çempionlygy amerikaly Alysa Liuwa aldyryp, 2-nji ýeri eýeläpdi. Sakamoto fewral aýynda geçirilen gyşky Olimpiýa oýunlarynda-da amerikaly bäsdeşinden yza galyp, kümüş medal bilen oňňut etmeli bolupdy. Alysa Liu bu gezek çempionata gatnaşmady. Sakamoto Pragadaky çempionatda 238,28 utuk toplady. Bu ýerde 2-nji orny onuň watandaşy Mone Çiba eýeläp, ol geçen ýyl münberiň 3-nji basgançagyna çykypdy. Çehiýanyň paýtagtynda belgiýaly Nina Pinzarrone 3-nji orna mynasyp boldy.

Jübütleýin ýaryşda germaniýaly Minerwe Fabienne Hase bilen Nikita Wolodin ikisi ahyry altyn medal gazanmagy başardy. Olar 2024-nji ýylda bürünç, geçen ýyl kümüş medal gazanypdy. 228,33 utuk toplan türgenler gruziýaly Anastasiýa Metelkina bilen Luka Berulawany hem-de kanadaly Lia Pereira bilen Trennt Miçony yzda galdyrdy.

Buzda tans etmek ýaryşynda fransiýaly Giýom Sizeronyň täzeden dolanyp gelendigi mese-mälim duýulýar. Öňki partnýory Gabriella Papadakis bilen 5 gezek Dünýäniň çempionlygyny gazanan Sizeron täze partnýory Lorens Furnie-Bodri bilenem Olimpiýa hem-de Ýewropa çempionlygyndan soň 3-nji uly üstünligini gazandy. Partnýory bilen 230,81 utuk toplan Sizeron Dünýä çempionatlaryndaky 6-njy altyn, umumylykda 7-nji medalyny boýnuna dakdy. Kanadaly Gilles Paýper bilen Pol Purýe ikisi yzly-yzyna 3-nji gezek kümüş medal gazandylar. Olaryň 2 bürünç medaly-da bar. Amerikaly Emilea Zingas bilen Wadim Kolesnik ikisi-de 3-nji orna mynasyp boldy.

Çempionat geljek ýyl Finlýandiýanyň Tampere şäherinde geçiriler.

# «Indian Wells»-den soň, «Maýami Açykda» hem çempionlyk gazandylar

Tennis boýunça ABŞ-nyň Florida ştatynda geçirilen «Maýami Açyk» ýaryşynda erkekleriň arasynda italiýaly Ýannik Sinner, zenanlardan belarusly Aryna Sabalenka ýeňiji boldy. Erkekler üçin



«ATP Masters 1000», zenanlar üçin bolsa «WTA 1000» bäsleşigi bolan «Maýami Açygyň» umumy baýrak gaznasy 9 million 415 müň 725 amerikan dollaryna deň bolup, ýeňijiler 1 million 151 müň 380 amerikan dollary möçberindäki pul baýragy bilen sylaglandy. Iki tennisçi bu ýaryşyň öňüsyrasynda ABŞ-da geçirilen başga «ATP Masters 1000» we «WTA 1000» bäsleşikleriniň çägindäki «Indian Wells»-de hem çempionlyk gazanypdy.

ATP-niň sanawynda 2-nji ýerde bar-



ýan Sinner finalda 21-nji basgançakdaky çehiýaly Ýiri Leheçkany 2 setde-de 6:4-lik hasaplar bilen ýeňmegi başardy. Bu onuň «Maýami Açykdaky» 4-nji finalynda 2-nji çempionlygy bolup, ol 2 ýyl öň hem kubogy eýeläpdi. Sinner 2021-nji we 2023-nji ýyllarda finalda ýeňlipdi. Şeýle-de, bu onuň «Masters» ýaryşlaryndaky 7-nji, umumylykda-da ATP-niň bäsleşiklerindäki 26-njy çempionlygy hökmünde hasaba alyndy. Sinner «Indian Wells»-de hem-de «Maýami Açykda» yzly-yzyna çempionlyk gazanan 8-nji tennisçi boldy. Sinner bassyr 3 Masters ýaryşynda ýeke setde hem utulman, kubogy eýelän ilkinji tennisçi bolmagyň hem hötdesinden geldi.

Zenanlaryň arasynda sanawyň 1-nji belgilisi Sabalenka finalda 4-nji ýerdäki amerikaly Koko Gauff bilen duşuşdy. 1-nji setde belarusly tennisçi 6:2 hasabynda üstün çykdy. 2-nji setde 6:4 ýeňiş gazanan Koko Gauff umumy hasaby deňledi. 3-nji setde bolsa 6:3 hasabynda üstün çykan Sabalenka WTA-nyň ýaryşlaryndaky 24-nji kubogyny asmana göterdi. Bu onuň «Maýami Açykdaky» bassyr 2-nji çempionlygy bolup, ol geçen ýylam başga bir amerikaly Jessika Peguladan üstün çykypdy. Şu wagtda «WTA 1000» ýaryşlarynda 15-nji finalyny oýnan 27 ýaşyndaky Sabalenka 11-nji kubogyny gazandy.

# «ATP Masters» hem-de «WTA 1000» ýaryşlary

Erkekleriň arasynda ýeňijisine 1000 utuk berilýän «ATP Masters 1000» ady bilen ýylda 9 sany bäsleşik geçirilýär. Olar degişlilikde – «Indian Wells», «Maýami Açyk» (ikisem ABŞ-da), «Monte-Karlo Masters» (Monako), «Madrid Açyk» (Ispaniýa), «Italiýa Açyk» (Rim), «Kanada Açyk» (Monreal ýa-da Toronto), «Sinsinnati Açyk» (ABŞ), «Şanhaý Masters» (Hytaý) hem-de «Pariž Masters» (Fransiýa) ýaryşlarydyr. Monte-Karlodaky, Madrid hem-de Rimdäki bäsleşikler toýunsow meýdançada, galanlary gaty toprakly meýdançada geçirilýär. «Monte-Karlo Masters» hem-de «Pariž Masters» ýaryşlaryna 56, galanlaryna bolsa 96 tennisçi gatnaşýar. «Pariž Masters» üsti ýapyk desgada geçirilýändigi bilen tapawutlanýar. Derejesi boýunça «Uly tuwulga» hem-de möwsümiň jemleýji ýaryşyndan soň 3-nji orunda durýan «Masters» bäsleşikleri her ýyl mart aýynda «Indian Wells» bilen başlap, oktýabr-noýabr aýlarynda «Pariž Masters» bilenem tamamlanýar. Geljekde «Masters» ýaryşlarynyň hataryna Saud Arabystany Açyk bäsleşiginiň hem goşulmagyna garaşylýar.



1990-njy ýyldan bäri geçirilip gelinýän «Masters» ýaryşlarynda iň köp çempionlyk gazanan tennisçi serbiýaly Nowak Jokowiç bolup, ol 40 gezek ýeňiş gazandy (20 gezegem finalda utuldy). Jokowiç şolaryň arasynda-da iň köp «Pariž Masters»-iň kubogyny eýeledi (7). Ispaniýaly Rafael Nadalyň 36, şweýsariýaly Rojer Federeriň 28 çempionlygy bar. Ählisinde çempionlyk gazanan ýeke-täk tennisçi Nowak Jokowiç bolup, ol dürli ýyllarda her «Masters» ýaryşynda azyndan 2 gezek çempion bolmagy başardy.

***

Zenanlaryň arasyndaky bu ýaryşa «WTA 1000» bäsleşikleri diýilýär. Olaryň sany 10-a deň bolup, degişlilikde, «Katar Açyk» (Doha), «Dubaý tennis çempionatlary» (BAE), «Indian Wells», «Maýami Açyk» (ikisem ABŞ), «Madrid Açyk» (Ispaniýa), «Italiýa Açyk» (Rim), «Kanada Açyk» (Monreal ýa-da Toronto), «Sinsinnati Açyk» (ABŞ), «Hytaý Açyk» (Pekin) hem-de «Uhan Açyk» (Hytaý) ýaryşlarydyr. «WTA 1000» ýaryşlary fewralda başlap, oktýabrda-da tamamlanýar. Dohadaky, Dubaýdaky hem-de Uhandaky ýaryşlara 56, galanlaryna 96 tennisçi gatnaşýar. Toýunsow tennis kortlarynda guralýan Madriddäki hem-de Rimdäki ýaryşlardan galany gaty toprakly tennis meýdançalarynda geçirilýär.

WTA 1000 ýaryşlarynda iň köp çempionlygy bolan tennisçi zenan amerikaly Serena Williamsdyr. Ol «WTA 1000» ýaryşlarynda 23 gezek ýeňiji boldy. Şweýsariýaly Martina Hingisiň 17, germaniýaly Şteffi Grafyň 15, russiýaly Mariýa Şarapowanyň 14 çempionlygy bar. Şu ýylky ilkinji 4 ýaryşda Karolina Muhowa («Katar Açyk»), Jessika Pegula («Dubaý tennis çempionatlary») hem-de Aryna Sabalenka («Indian Wells», «Maýami Açyk») ýeňiji boldy.

# Bezzekkiniň şemaly belentden öwüsýär

**Moto GP boýunça möwsümiň 3-nji ýaryşynda hem «Aprilia Racing» toparynyň italýan sürüjisi Marko Bezzekki ýeňiji boldy. ABŞ-nyň Tehas ştatynyň Ostin şäherinde geçirilen ýaryşda Bezzekki 20 aýlawy 40 minut 50,653 sekuntda tamamlamagy başardy. Bu onuň şu möwsümdäki bassyr 3-nji, karýerasy boýunça-da 9-njy ýeňşi hökmünde hasaba alyndy. Bezzekkiden 2,036 sekunt yza galan ispaniýaly topardaşy Horge Martin 2-nji, «Red Bull KTM» toparyndan başga bir ispaniýaly sürüji Pedro Akosta 3-nji orny eýeledi. Ýaryşda ilkinji hatardan bat alan italiýaly Fabio Di Jannatonio («Pertamina Enduro VR46 Racing») 4-nji, soňky çempion Mark Markes («Ducati Lenovo») 5-nji orna mynasyp boldy.**



**Esasy ýaryşdan 1 gün öň geçirilen sprint bäsleşiginde Horge Martin 1-nji, Françesko Banaia 2-nji, Enea Bastianini 3-nji orny eýeledi.**

**Geçirilen 3 ýaryşdan soň sanawyň lideri Marko Bezzekkiniň utugy 81-e ýetdi. Horge Martin 77 utuk bilen 2-nji ýerde, 60 utukly Pedro Kosta 3-nji orunda barýar.**

**Möwsümiň 4-nji ýaryşy 26-njy aprelde Ispaniýanyň Herez şäherinde geçiriler.**

# SANAWYŇ IŇ ÝAŞ ÖŇDEBARYJYSY

Formula 1 boýunça möwsümiň 3-nji ýaryşy Ýaponiýanyň Suzuka şäherinde geçirilip, «Mercedes» toparynyň italýan piloty Kimi Antonelli ýeňiş gazandy. Şäheriň adybir trassasynda geçirilen ýaryşda Antonelli ilkinji hatardan bat alyp, ol 53 aýlawy 1 sagat 28 minut 03,403 sekuntda tamamlamagy başardy. Bu onuň bassyr 2-nji ýeňşidir.



Antonelliden 13,722 sekunt yza galan «McLaren» toparynyň awstraliýaly sürüjisi Oskar Piastri 2-nji orny eýeledi. «Ferrari» toparynyň monakoly piloty Şarl Lekler ýeňijiden 15,270 sekunt soň pellehanadan geçip, 3-nji orna mynasyp boldy. Ýeňijiniň britaniýaly topardaşy Jorj Rasselliň 4-nji bolan ýaryşynda Beýik Britaniýanyň beýleki sürüjileri – Lando Norris («McLaren») 5-nji, Lýuwis Hamilton («Ferrari») 6-njy ýeri eýeledi.

Geçirilen 3-nji ýaryşdan soň Kimi Antonelli utugyny 72-ä çykardy we sanawyň 1-nji basgançagyna beýgeldi. Ol F1-iň taryhyndaky sanawyň iň ýaş lideri hökmünde hasaba alyndy. Antonelliniň topardaşy Rassell 63 utuk bilen 2-nji orunda barýar. Lekleriň 49, Hamiltonyň 41 utugy bolup, «Ferrari» toparynyň wekilleri 3-4-nji orunlary paýlaşýarlar.

Möwsümiň 4-nji ýaryşy 3-nji maýda ABŞ-nyň Maýami şäherinde geçiriler. Bahreýn hem-de Saud Arabystanynda geçirilmeli ýaryşlar sebitde emele gelen ýagdaýlar sebäpli ýatyrylypdy.

# UEFA-nyň özara iň köp duşuşan iki topary – «Real Madrid» bilen «Bawariýa»

UEFA-nyň ýaryşlarynyň özara iň köp duşuşan iki topary — «Real Madrid» bilen «Bawariýa» 29–30-njy gezek güýç synanyşarlar. Mundan öňki 28 oýna seredenimizde, «Real Madrid» güýçli garşydaşyny 13, Bawariýa 11 gezek ýeňmegi başardy. 4 duşuşyk bolsa deňlikde tamamlandy. «Realyň» 45 goluna münhenliler 42 gol bilen jogap berdi.



Olaryň arasyndaky ilkinji duşuşyk 1975/76 möwsüminiň ýarym finalynda geçirilip, Madriddäki oýun 1–1, Münhendäki duşuşyk 2–0 hasabynda nemes klubunyň peýdasyna tamamlanypdy.

1999/00 möwsüminde 2-nji tapgyryň toparçalaryndaky oýunlaryň 2-sinde hem «Bawariýa» 4 golly ýeňiş gazandy. Ýagny Madridde 4–2, Münhende-de 4–1 hasaplar bilen garşydaşyny utupdy. Duşuşyklarda Mehmet Şoll, Zikler ýaly futbolçylar 2 gezek tapawutlanypdy. Şol möwsümde toparlar ýarym finalda-da gabatlaşypdylar. Öz meýdançasynda Anelkanyň hem-de Ýeremiesiň (awtogol) gollary bilen 2–0 hasabynda ýeňen «Real Madrid» myhmançylykda 2–1 utulsa-da, finala çykypdy. Finalda-da «Walensiýany» 3–0 hasabynda ýeňen madridliler kubogy gazanypdy.

2013/14 möwsüminde öz meýdançasynda Benzemanyň ýeke-täk goly bilen ýeňen «Real» myhmançylykda garşydaşynyň derwezesinden jogapsyz 4 gol girizipdi. Şol gollary Ramos (2) bilen Ronaldo (2) geçiripdi. 2016/17 möwsüminde çärýek finaldaky duşuşyklaryň 2-si hem dartgynly geçipdi. Ýer eýeleri Münhende Widalyň goly bilen öňe geçse-de, 2-nji ýarymda Ronaldonyň gollary esasynda madridliler ýeňiş gazanypdy. Oýnuň soňky ýarym sagadyny «Bawariýa» 1 oýunçy kem oýnapdy. Jogap duşuşygy has-da dartgynly geçip, jedelli pursatlara baý bolupdy. Duşuşygyň esasy wagtynda «Bawariýa» Ronaldonyň goluna garşylyk hökmünde Lewandowskiniň hem-de Ramosyň (awtogol) gollary bilen 1-nji oýundaky hasaby gaýtalady. Ýöne 84-nji minutda Widalyň gyzyl kart almagyndan soň, ähli bähbitler «Realyň» peýdasyna boldy. 105-nji we 110-njy minutlarda tapawutlanan Ronaldo duşuşygy het-trik bilen tamamlady. 112-nji minutdaky Asensionyň goly-da oýna soňky nokady goýupdy.

Soňky 4 gabatlaşmada indiki tapgyra çykan «Real Madrid» bolsa-da, bu gezekki çärýek finalda «Bawariýany» bir ädim öňde hasaplaýanlaryň sany az däl.

*Mundan öňki «Real» – «Bawariýa» duşuşyklary:*
1975/76 – 1/2 final: Real – **Bawariýa**: 1-1, 0-2
1986/87 – 1/2 final: **Bawariýa** – Real: 4-1, 0-1
1987/88 – 1/4 final: Bawariýa – **Real**: 3-2, 0-2
1999/00 – 2-nji tapgyryň toparçalarynda:
Real – **Bawariýa**: 2-4, 1-4
1999/00 – 1/2 final: **Real** – Bawariýa: 2-0, 1-2
2000/01 – 1/2 final: Real – **Bawariýa**: 0-1, 1-2
2001/02 – 1/4 final: Bawariýa – **Real**: 2-1, 0-2
2003/04 – 1/8 final: Bawariýa – **Real**: 1-1, 0-1
2006/07 – 1/8 final: Real – **Bawariýa**: 3-2, 1-2
2011/12 – 1/2 final: **Bawariýa** – Real: 2-1, 1-2, 3-1 (p)
2013/14 – 1/2 final: **Real** – Bawariýa: 1-0, 4-0
2016/17 – 1/4 final: Bawariýa – **Real**: 1-2, 2-4 (g.w.)
2017/18 – 1/2 final: Bawariýa – **Real**: 1-2, 2-2
2023/24 – 1/2 final: Bawariýa – **Real**: 2-2, 1-2

* * *

PSŽ bilen «Liwerpul» 2018/19 möwsüminde toparçalarda gabatlaşyp, şol oýunlarda iňlis kluby öz meýdançasynda 3-2 ýeňip, myhmançylykda 2–1 hasabynda asgyn gelipdi. Iki topar geçen möwsümde-de duşuşyp, 1/8 finalda şol oýunlarda 2 topar hem myhmançylykda 1–0 hasabynda ýeňiş gazandy. Netijede, oýundan soňky 11 metrlik urgularda üstün çykan PSŽ bolup, parižliler soňlugy bilen, çempionlyk gazanypdy.

«Arsenal» bilen «Sporting» toparlary mundan öň 4 gezek duşuşdylar. Şol 4 duşuşyk hem Ýewropa Ligasynyň çäginde bolup, 3 oýnuň esasy wagty deňlikde tamamlanyp, 1 duşuşykda-da iňlis kluby 1–0 hasabynda ýeňdi. 2018/19 möwsüminde toparçada Lissabonda «Arsenal» 1–0 hasabynda ýeňip, Londonda golsuz deňme-deň oýnady. 2022/23 möwsüminde bolsa 1/8 finalda Lissabonda 2–2, Londonda 1–1 hasaplar bilen tamamlanan duşuşyklaryň netijesinde «Sporting» 11 metrlik urgulary arkaly ýeňiş gazanyp, çärýek finala çykdy.

Ispaniýanyň çempionaty we Şa Kubogy ýaryşynda, şol sanda Super Kubogy bäsleşiginde ençeme gezek duşuşan «Barselona» bilen «Atletiko Madrid» bu gezek Çempionlar Ligasynyň çäginde güýç synanyşarlar. Öňümizde boljak oýunlar olaryň arasyndaky 5-6-njy duşuşyklar bolup, mundan öň olar 2 gezek çärýek finalda gabatlaşdylar. Şolaryň 2-sinde hem ýarym finala çykan «Atletiko Madrid» bolupdy. 2013/14 möwsüminde Barselonada 1–1, Madridde ýer eýeleri 1–0 hasabynda ýeňipdi. 2015/16 möwsüminde bolsa «Barselona» öz meýdançasynda 2–1 ýeňse-de, myhmançylykda 2–0 hasabynda asgyn gelipdi. Ýeri gelende bellesek, iki topar 18-nji aprelde Şa Kubogynyň finalynda-da duşuşar.

**UEFA Çempionlar Ligasynda çärýek finalyň 1-nji duşuşyklary:**
*7-nji aprel (00:00)*
Real Madrid – Bawariýa
Sporting – Arsenal
*8-nji aprel (00:00)*
Pari Sen-Žermen – Liwerpul
Barselona – Atletiko Madrid




| | |
|---|---|
| **3-nji aprel (anna)** | |
| Al-Nassr – Al-Najma (23:00) | |
| **PSŽ – Tuluza (23:45)** | |
| **4-nji aprel (şenbe)** | |
| Zenit – Krylýa Sowetow (17:15) | |
| **Man. Siti – Liwerpul (16:45)** | |
| Fraýburg – Bawariýa (18:30) | |
| **Malýorka – Real Madrid (19:15)** | |
| Çelsi – Port Weýl (21:15) | |
| Betis – Espanýol (21:30) | |
| **Ştutgart – Borussiýa D (21:30)** | |
| Ahmat – Krasnodar (21:45) | |
| **Trabzonspor – Galatasaraý (22:00)** | |
| **Atletiko – Barselona (00:00)** | |
| Southempton – Arsenal (00:00) | |
| Aýaks – Twente (00:00) | |
| **Lill – Lans (00:05)** | |
| **5-nji aprel (ýekşenbe)** | |
| Udineze – Komo (15:30) | |
| West Ham – Lids (20:30) | |
| **Spartak – Lokomotiw (21:30)** | |
| **Fenerbahçe – Beşiktaş (22:00)** | |
| **Inter – Roma (23:45)** | |
| **Monako – Marsel (23:45)** | |
| **6-njy aprel (duşenbe)** | |
| Ýuwentus – Jenoa (21:00) | |
| **Napoli – Milan (23:45)** | |



Sahypany taýýarlan Hajymyrat SÖÝÜNOW.

# ÄHLI TOPARLAR BELLI BOLDY

Dünýä Kubogyna 69 gün galdy

**Italiýasyz Dünýä Kubogy däbe öwrülip barýar**

Futboldaky iň uly ýaryş hasaplanýan Dünýä Kubogy ýene bir ýola bu bäsleşikde 4 çempionlygy bolan Italiýasyz geçer. Bu ýagdaý eýýäm däbe öwrülip barýar. Yzly-yzyna 3-nji gezek Dünýä Kubogynyň daşynda galýan Italiýa soňky sapar 2014-nji ýylda gatnaşypdy. Bu olaryň şu wagta çenli gatnaşyp bilmedik 5-nji Dünýä Kubogy bolar. Italiýanyň ýygyndysy Dünýä Kubogyna gatnaşmakda, 2018-nji ýyla çenli Braziliýadan soň Germaniýa bilen 2-njiligi paýlaşýardy. Olar 2018-nji ýyla çenli diňe 1930-njy we 1958-nji ýyllardaky Dünýä Kubogyna gatnaşmandy. Mahlasy, 1934-nji, 1938-nji, 1982-nji hem-de 2006-njy ýyllarda Dünýä Kubogyny gazanan we 2 gezek finalda utulan Italiýa 2018-nji we 2022-nji ýyllardan soň, 2026-njy ýyldaky çempionaty hem goýbermeli bolar. Italiýa Dünýä Kubogynyň çempionlarynyň arasynda yzly-yzyna 3 gezek ýaryşa gatnaşyp bilmeýän ilkinji topardyr.

UEFA «A» geçelgesinde ýarym finalda Demirgazyk Irlandiýany 2–0 hasabynda ýeňen Italiýa finalda Bosniýa we Gersegowinanyň ýygyndysy bilen duşuşdy. Çekeleşikli geçen oýunda italýanlar 15-nji minutda Moýza Keniň owadan goly bilen hasaby açdylar. Ýöne Jennaro Gattuzonyň şägirtleri üçin şowsuzlyk 1-nji ýarymyň ahyrynda başlady. 41-nji minutda Alessandro Bastoniniň gyzyl kart almagyndan soň meýdançada 10 oýunçy bolup galan italýanlar soňky minutlara çenli goransa-da, olara Haris Tabakowiçiň 79-njy minutdaky goluna çäre tapmak başartmady. Duşuşygyň esasy wagty deňlikde tamamlanyp, goşmaça wagtda-da hasap üýtgemedi. Oýundan soňky 11 metrlik urgularynda bolsa italýanlar şowsuzlyga uçrady. Bosniýalylaryň ýerine ýetiren 4 urgusy-da takyk bolup, italýanlarda Esposito hem-de Kristanteniň urgulary dürs bolmady. Netijede, 4–1 hasabynda üstün çykan Bosniýa we Gersegowinanyň ýygyndysy 2014-nji ýyldan, ýagny 12 ýyllyk arakesmeden soň, taryhynda 2-nji gezek Dünýä Kubogyna gatnaşmaga hukuk gazandy. Bosniýa we Gersegowinanyň ýygyndysy Dünýä Kubogynda «B» toparçada ýer eýesi Kanadanyň, Şweýsariýanyň hem-de Kataryň ýygyndylary bilen duşuşar.













**24 ýyllyk arakesme tamamlandy**

● Dünýä Kubogynyň pleý-off tapgyrynda UEFA «C» geçelgesinde Türkiýäniň ýygyndysy öňe saýlandy. Ýarym finalda öz meýdançasynda Rumyniýanyň ýygyndysyny Ferdi Kadyoglunyň 53-nji minutda geçiren ýeke-täk goly esasynda ýeňen Türkiýäniň milli topary myhmançylykda şol hasap bilen Kosowodan üstün çykmagy başardy. Çekeleşikli geçen oýnuň ýeke-täk golunу 53-nji minutda Kerem Aktürkoglu öz adyna ýazdyrdy. Iki duşuşykda-da türklere ýeňiş getiren gollaryň 53-nji minutda derwezä girizilmegi täsin statistika bolup, Türkiýäniň ýygyndysy 24 ýyldan soň Dünýä Kubogyna gatnaşar. Bu türkleriň 1954-nji we 2002-nji ýyllardan soň 3-nji synanyşygy bolup, olar 24 ýyl öň bürünç medal gazanypdy. Türkiýäniň ýygyndysy Dünýä Kubogy 2026-da «D» toparçada ýer eýeleriniň biri bolan ABŞ-nyň, şol sanda Paragwaýdyr Awstraliýanyň ýygyndylary bilen duşuşar.

Kosowonyň ýygyndysy agza-burna gelen Dünýä Kubogyna ilkinji gezek gatnaşmak pursadyny elden giderdi.

**Saýlama tapgyrynda ýeke oýunda-da ýeňmändi, ýöne Dünýä Kubogyna gatnaşýar**

● Dünýä Kubogynyň saýlama tapgyrynda bir duşuşykda (2 deňlik, 4 ýeňliş) hem ýeňiş gazanyp bilmedik Şwesiýanyň ýygyndysy pleý-off tapgyrynda taryhy başarnyk görkezdi. UEFA Milletler Ligasyndaky reýtingi esasynda pleý-off tapgyryna gatnaşmaga hukuk gazanan Şwesiýanyň ýygyndysy «B» geçelgede ilkini Ukrainanyň milli toparyny Gýokereşiň het-trigi bilen 3–1 hasabynda ýeňipdi. Öz meýdançasyndaky finalda bolsa Polşanyň milli toparyny 3–2 hasabynda utmagy başardy. Duşuşykda 1-nji ýarymda 2 gezek öňe geçen şwedlere polýaklar her saparynda jogap berdi. Ýagny Elanga bilen Lagerbielkeniň gollaryna garşylyk beren Polşanyň milli topary Zalewski hem-de Şwiderskiniň gollary esasynda hasaby deňledi. Duşuşygyň 88-nji minutynda ýarym finalyň gahrymany Wiktor Gýokereş adyna eýe bolup, toparyna ýeňiş getirdi. Şunlukda, Şwesiýanyň ýygyndysy 23-nji Dünýä Kubogyna gatnaşmaga hukuk gazanyp, olar «F» toparçada Niderlandlaryň, Ýaponiýanyň hem-de Tunisiň ýygyndylary bilen özara güýç synanyşar. Häzirki wagtda angliýaly Grem Potteriň tälim berýän ýygyndy topary mundan öň 12 gezek Dünýä Kubogyna gatnaşypdy. Soňky gezek Russiýa 2018-de çykyş eden şwedler mundan öň ABŞ-da geçirilen çempionatda bürünç medal gazanypdy. 1958-nji ýylda Dünýä Kubogyny özlerinde kabul eden şwedler şol ýaryşyň finalynda Braziliýadan asgyn gelipdi. Şwesiýanyň ýygyndysy mundan öň 1934-nji, 1938-nji, 1950-nji, 1958-nji, 1970-nji, 1974-nji, 1978-nji, 1990-njy, 1994-nji, 2002-nji, 2006-njy hem-de 2018-nji ýyllarda Dünýä Kubogyna wekilçilik edipdi.

Polşada ýene-de 2 aý gowrak wagtdan başlanjak ýaryş Robert Lewandowskiniň çykyş etjek soňky Dünýä Kubogy hökmünde görülýärdi. Ýöne mundan öňki 2 ýaryşa wekilçilik eden Lewandowskä we ýoldaşlaryna şol başarnygy bassyr 3-nji gezek gaýtalamak başartmady.

**20 ýyldan soň Dünýä Kubogynda çykyş eder**

● UEFA pleý-off tapgyrynyň «D» geçelgesinde ýeňiş Çehiýanyň ýygyndysynyň tarapynda boldy. Olaryň 20 ýyllyk arakesmesi tamamlanyp, çehler ýarym finalda Irlandiýanyň ýygyndysyny kynlyk bilen ýeňmegi başardy. Duşuşygyň esasy wagty 2–2 hasabynda deňlikde tamamlanypdy. 11 metrlik urgularyň netijesinde çehler 4–3 hasabynda üstün çykyp, ýarym finalda makedonlaryň derwezesinden jogapsyz 4 gol girizen Daniýanyň finaldaky bäsdeşi boldy. Final duşuşygy hem Pragada oýnalyp, oýnuň esasy wagty Şulsuň 3-nji, Anderseniň 72-nji minutda geçiren garşylykly gollary bilen deňlikde tamamlandy. Goşmaça 30 minutda toparlaryň hersi ýene bir gol geçirdi (Kreýçi 100 — Hög 111). Ýeňijini 11 metrlik urgulary kesgitläp, 3–1 hasabynda üstün çykan Çehiýanyň ýygyndysy 20 ýyldan soň Dünýä Kubogynyň peteginiň eýesi boldy. Soňky gezek 2006-njy ýylda Germaniýadaky çempionata gatnaşan çehler ondan öňem Çehoslowakiýa ady bilen 1934-nji, 1938-nji, 1954-nji, 1958-nji, 1962-nji, 1970-nji, 1982-nji, 1990-njy ýyllardaky Dünýä Kubogy ýaryşlarynda çykyş edipdi. Miroslaw Kubegiň tälimçiligindäki Çehiýanyň ýygyndysy Dünýä Kubogy 2026-da «A» toparçada ýer eýesi Meksika bilen bir hatarda, Günorta Afrikanyň hem-de Koreýa Respublikasynyň bäsdeşi boldy.

Soňky 7 Dünýä Kubogynyň 5-sinde çykyş eden Daniýanyň ýygyndysy yzly-yzyna 3-nji gezek wekilçilik etmek mümkinçiligini elden giderdi.

«A»: **Italiýa – D. Irlandiýa: 2-0** *(Tonali 56, Ken 80)*, **Uels – Bosniýa we Gersegowina: 1-1, 2-4 p** *(D. Jeýms 51 – Jeko 86)*; **Bosniýa we Gersegowina – Italiýa: 1-1, 4-1 p** *(Tabakowiç 79 – Ken 15)*

«B»: **Ukraina – Şwesiýa: 1-3** *(Ponomarenko 90 – Gýokereş 6, 51, 73 p)*, **Polşa – Albaniýa: 2-1** *(Lewandowski 63, Zielinski 73 – Hodža 42)*; **Şwesiýa – Polşa: 3-2** *(Elanga 20, Lagerbielke 44, Gýokereş 88 – Zalewski 33, Şwiderski 55)*

«C»: **Türkiýe – Rumyniýa: 1-0** *(Kadyoglu 53)*, **Slowakiýa – Kosowa: 3-4** *(Walýent 6, Haraslin 45, Streles 90+4 – Hodža 21, Asllani 47, Musliýa 60, Hajrizi 72)*; **Kosowo – Türkiýe: 0-1** *(Aktürkoglu 53)*

«D»: **Daniýa – D. Makedoniýa: 4-0** *(Damsgoor 49, Isaksen 58, 59, Norgoor 75)*, **Çehiýa – Irlandiýa: 2-2, 4-3 p** *(Şik 27 p, Kreýçi 86 – Parrott 19 p, Kowar 23 ö.d.)*; **Çehiýa – Daniýa: 2-2, 3-1 p** *(Şuls 3, Kreýçi 100 – Andersen 72, Hög 111)*

**Kongo DR 52, Yrak 40 ýyldan soň Dünýä Kubogyna gatnaşar**

● Dünýä Kubogy 2026-nyň Interkontinental pleý-off tapgyrynyň duşuşyklary-da geçirilip, 2 ýygyndy ençeme ýyldan soň iň uly futbol bäsleşigine gatnaşmaga hukuk gazandy. Meksikada geçirilen duşuşyklarda Afrikanyň hem-de Aziýanyň wekilleri ýeňiji boldy.

Ýarym finalda Ýamaýkanyň ýygyndysy Täze Kaledoniýany Kadamarteriniň ýeke-täk goly bilen ýeňip, finalda Kongo DR-niň bäsdeşi boldy. Bu duşuşyk hem şol hasap bilen tamamlanyp, afrikalylar 100-nji minutda «Mançester Ýunaýtediň» ozalky oýunçysy Aksel Tuanzebeniň tapawutlanmagynda taryhy ýeňiş gazandy. Kongo DR-niň ýygyndysy 52 ýyldan soň Dünýä Kubogyna gatnaşmaga hukuk gazandy. Olar mundan öň ilkinji gezek 1974-nji ýylda Zair ady bilen wekilçilik edipdiler. Kongo DR-niň ýygyndysy Dünýä Kubogy 2026-da «K» toparçada Portugaliýadyr Özbegistanyň hem-de Kolumbiýanyň milli toparlary bilen duşuşar.

Pleý-offuň beýleki duşuşygynda Yragyň ýygyndysy ýeňiş gazanan tarap boldy. Ýarym finalda Boliwiýanyň milli ýygyndysy Surinamyň milli toparyny garşydaşynyň öňe geçendigine garamazdan, Paniaguanyň hem-de Terserosyň gollary esasynda 2–1 hasabynda ýeňdi. Meksikanyň Guadalupe şäherinde geçirilen duşuşykda Boliwiýanyň ýygyndysy bilen Yragyň milli topary duşuşdy. Duşuşykda yraklylar 10-njy minutda Al-Hamadiniň goly bilen öňe geçse-de, Paniagua 38-nji minutda hasaby deňledi. Ýöne 53-nji minutda Yragyň ýygyndysyny ýyldyz oýunçysy Aýmen Hussein goly bilen 2-nji gezek öňe saýlandy. Bu duşuşykdaky soňky gol bolup, Yragyň ýygyndysy 40 ýyldan soň Dünýä Kubogyna ýollanma aldy. Soňky gezek 1994-nji ýylda ABŞ-daky çempionata gatnaşan boliwiýalylaryň 32 ýyllyk arakesmesiniň üstüne ýene-de 4 ýyl goşular.



**Täze Kaledoniýa – Ýamaýka: 0-1** *(Kadamarteri 18)*, **Kongo DR – Ýamaýka: 1-0 g.w.** *(Tuanzebe 100)*

**Boliwiýa – Surinam: 2-1** *(Paniagua 72, Terseros 79 p – Wan Gelderen 48)*, **Yrak – Boliwiýa: 2-1** *(Al-Hamadi 10, Hussein 53 – Paniagua 38)*

| № | Dünýä Kubogy 2026-a gatnaşýan ýygyndylar | Näçenji gezek gatnaşýar? | Soňky gatnaşan çempionaty | Yzygiderli gatnaşyp gelýän çempionatynyň sany | Dünýä Kubogyna gatnaşan ýyllary |
|---|---|---|---|---|---|
| 1 | Braziliýa | 23 | 2022 | 23 | 1930, 1934, 1938, 1950, 1954, 1958, 1962, 1966, 1970, 1974, 1978, 1982, 1986, 1990, 1994, 1998, 2002, 2006, 2010, 2014, 2018, 2022, 2026 |
| 2 | Germaniýa | 21 | 2022 | 19 | 1934, 1938, 1954, 1958, 1962, 1966, 1970, 1974, 1978, 1982, 1986, 1990, 1994, 1998, 2002, 2006, 2010, 2014, 2018, 2022, 2026 |
| 3 | Argentina | 19 | 2022 | 14 | 1930, 1934, 1938, 1958, 1962, 1966, 1974, 1978, 1982, 1986, 1990, 1994, 1998, 2002, 2006, 2010, 2014, 2018, 2022, 2026 |
| 4 | Fransiýa | 18 | 2022 | 8 | 1930, 1934, 1938, 1950, 1954, 1958, 1966, 1978, 1982, 1986, 1998, 2002, 2006, 2010, 2014, 2018, 2022, 2026 |
| 5 | Meksika | 18 | 2022 | 9 | 1930, 1950, 1954, 1958, 1962, 1966, 1970, 1978, 1986, 1994, 1998, 2002, 2006, 2010, 2014, 2018, 2022, 2026 |
| 6 | Angliýa | 17 | 2022 | 8 | 1950, 1954, 1958, 1962, 1966, 1970, 1982, 1986, 1990, 1998, 2002, 2006, 2010, 2014, 2018, 2022, 2026 |
| 7 | Ispaniýa | 17 | 2022 | 13 | 1934, 1950, 1962, 1966, 1978, 1982, 1986, 1990, 1994, 1998, 2002, 2006, 2010, 2014, 2018, 2022, 2026 |
| 8 | Urugwaý | 15 | 2022 | 5 | 1930, 1950, 1954, 1962, 1966, 1970, 1974, 1986, 1990, 1994, 1998, 2002, 2014, 2018, 2022, 2026 |
| 9 | Belgiýa | 15 | 2022 | 4 | 1930, 1934, 1938, 1954, 1970, 1982, 1986, 1990, 1994, 1998, 2002, 2014, 2018, 2022, 2026 |
| 10 | Şweýsariýa | 13 | 2022 | 6 | 1934, 1938, 1950, 1954, 1962, 1966, 1994, 2006, 2010, 2014, 2018, 2022, 2026 |
| 11 | Şwesiýa | 13 | 2018 | 1 | 1934, 1938, 1950, 1958, 1970, 1974, 1978, 1990, 1994, 2002, 2006, 2018, 2026 |
| 12 | ABŞ | 12 | 2022 | 2 | 1930, 1934, 1950, 1990, 1994, 1998, 2002, 2006, 2010, 2014, 2022, 2026 |
| 13 | Niderlandlar | 12 | 2022 | 2 | 1934, 1938, 1974, 1978, 1990, 1994, 1998, 2006, 2010, 2014, 2022, 2026 |
| 14 | Koreýa Respublikasy | 12 | 2022 | 11 | 1954, 1986, 1990, 1994, 1998, 2002, 2006, 2010, 2014, 2018, 2022, 2026 |
| 15 | Çehiýa | 10 | 2006 | 1 | 1934, 1938, 1954, 1958, 1962, 1970, 1982, 1990, 2006, 2026 |
| 16 | Paragwaý | 9 | 2010 | 1 | 1930, 1950, 1958, 1986, 1998, 2002, 2006, 2010, 2026 |
| 17 | Şotlandiýa | 9 | 1998 | 1 | 1954, 1958, 1974, 1978, 1982, 1986, 1990, 1998, 2026 |
| 18 | Portugaliýa | 9 | 2022 | 7 | 1966, 1986, 2002, 2006, 2010, 2014, 2018, 2022, 2026 |
| 19 | Awstriýa | 8 | 1998 | 1 | 1934, 1954, 1958, 1978, 1982, 1990, 1998, 2026 |
| 20 | Ýaponiýa | 8 | 2022 | 8 | 1998, 2002, 2006, 2010, 2014, 2018, 2022, 2026 |
| 21 | Kolumbiýa | 7 | 2018 | 1 | 1962, 1990, 1994, 1998, 2014, 2018, 2026 |
| 22 | Marokko | 7 | 2022 | 3 | 1970, 1986, 1994, 1998, 2018, 2022, 2026 |
| 23 | Awstraliýa | 7 | 2022 | 6 | 1974, 2006, 2010, 2014, 2018, 2022, 2026 |
| 24 | Tunis | 7 | 2022 | 3 | 1978, 1998, 2002, 2006, 2018, 2022, 2026 |
| 25 | Eýran | 7 | 2022 | 4 | 1978, 1998, 2006, 2014, 2018, 2022, 2026 |
| 26 | Saud Arabystany | 7 | 2022 | 3 | 1994, 1998, 2002, 2006, 2018, 2022, 2026 |
| 27 | Horwatiýa | 7 | 2022 | 4 | 1998, 2002, 2006, 2014, 2018, 2022, 2026 |
| 28 | Alžir | 5 | 2014 | 1 | 1982, 1986, 2010, 2014, 2026 |
| 29 | Gana | 5 | 2022 | 2 | 2006, 2010, 2014, 2022, 2026 |
| 30 | Ekwador | 5 | 2022 | 2 | 2002, 2006, 2014, 2022, 2026 |
| 31 | Müsür | 4 | 2018 | 1 | 1934, 1990, 2018, 2026 |
| 32 | Norwegiýa | 4 | 1998 | 1 | 1938, 1994, 1998, 2026 |
| 33 | Günorta Afrika Respublikasy | 4 | 2010 | 1 | 1998, 2002, 2010, 2026 |
| 34 | Senegal | 4 | 2022 | 3 | 2002, 2018, 2022, 2026 |
| 35 | Kot-d’Iwuar | 4 | 2014 | 1 | 2006, 2010, 2014, 2026 |
| 36 | Türkiýe | 3 | 2002 | 1 | 1954, 2002, 2026 |
| 37 | Täze Zelandiýa | 3 | 2010 | 1 | 1982, 2010, 2026 |
| 38 | Kanada | 3 | 2022 | 2 | 1986, 2022, 2026 |
| 39 | Gaiti | 2 | 1974 | 1 | 1974, 2026 |
| 40 | Kongo Demokratik Respublikasy | 2 | 1974 | 1 | 1974, 2026 |
| 41 | Yrak | 2 | 1986 | 1 | 1986, 2026 |
| 42 | Bosniýa we Gersegowina | 2 | 2014 | 1 | 2014, 2026 |
| 43 | Panama | 2 | 2018 | 1 | 2018, 2026 |
| 44 | Katar | 2 | 2022 | 2 | 2022, 2026 |
| 45 | Özbegistan | 1 | – | | 2026 |
| 46 | Kýurasao | 1 | – | | 2026 |
| 47 | Kabo Werde | 1 | – | | 2026 |
| 48 | Iordaniýa | 1 | – | | 2026 |

## Dünýä Kubogy 2026-nyň toparçalary

«A»: Meksika, Günorta Afrika, Koreýa Respublikasy, Çehiýa

«B»: Kanada, Bosniýa we Gersegowina, Katar, Şweýsariýa

«C»: Braziliýa, Marokko, Gaiti, Şotlandiýa

«D»: ABŞ, Paragwaý, Awstraliýa, Türkiýe

«E»: Germaniýa, Kýurasao, Kot-d’Iwuar, Ekwador

«F»: Niderlandlar, Ýaponiýa, Şwesiýa, Tunis

«G»: Belgiýa, Müsür, Eýran, Täze Zelandiýa

«H»: Ispaniýa, Kabo Werde, Saud Arabystany, Urugwaý

«I»: Fransiýa, Senegal, Yrak, Norwegiýa

«J»: Argentina, Alžir, Awstriýa, Iordaniýa

«K»: Portugaliýa, Kongo DR, Özbegistan, Kolumbiýa

«L»: Angliýa, Horwatiýa, Gana, Panama




# «TOTTENHAM» ÝENE-DE TÄLIMÇISINI ÇALYŞDY

**Angliýanyň çempionaty «Premier Ligada» kyn günleri başdan geçirýän «Tottenham» topary ýene-de tälimçisini çalyşdy. Möwsüme Tomas Frankyň tälimçiligi bilen başlan londonlylar 13-nji fewralda horwatiýaly Igor Tudory maýyň ahyryna çenli bu wezipä belläpdi. Ýöne «Tottenham» onuň ýolbaşçylygynda «Premier Ligada» ýeke oýunda-da ýeňiş gazanyp bilmedi. Netijede Tudor 43 günde wezipesinden boşadylyp, ol APL-de klubdan iň çalt ugradylan 5 tälimçiniň biri boldy. Tudor «Tottenhamy» 7 oýunda 1 ýeňiş (Çempionlar Ligasynda), 1 deňlik, 5 ýeňliş bilen terk etdi.**

**Gysga wagtda «Tottenham» topary täze tälimçisini mälim edip, demirgazyk londonlylar italiýaly hünärmen Roberto de Zerbini wezipä belledi. 46 ýaşyndaky hünärmen «Tottenham» bilen 5 ýyllyk şertnama baglaşdy. De Zerbi golaýda «Marsel» toparyndaky wezipesini taşlap, ol 2024-nji ýylyň tomsundan bäri fransuz klubuny türgenleşdirip gelýärdi. De Zerbi karýerasy boýunça «Marselden» öň Italiýada «Darfo Boario», «Fojja», «Palermo», «Benewento», «Sassuolo», Ukrainada «Şahtýor Donesk», Angliýada «Braýton» toparlaryna tälim berdi.**

**«Tottenham» topary 31 duşuşykdan soň 30 utuk bilen aşaky liga düşýän 3 ornuň 1 basgançak ýokarysynda, 17-nji orunda barýar. «Tottenham» topary 1977-nji ýyldan bäri Angliýanyň iň ýokary ligasynda yzygiderlilikde çykyş edip gelýär.**

